TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– WATAN – BU ŞÖHRATLY PEDERLERIMIZIŇ IŇ GYMMATLY MIRASYDYR.
ONUŇ GORAGYNDA SAK DURMAK HER BIR TÜRKMEN PERZENDI ÜÇIN
MUKADDES BORÇDUR, BELENT MERTEBEDIR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

23-nji ýanwar, 2026. Belgisi 4/1674



# WATAN MERTEBESI BEÝIKDIR, GORAGY MUKADDES BORÇDUR

***21-nji ýanwarda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralar tarapyndan 2025-nji ýylda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi hem-de şu ýylda bu düzümleriň öňünde durýan esasy wezipeler kesgitlenildi.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewe söz berildi. Ol geçen ýylyň dowamynda «Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» çäklerinde ýerine ýetirilen işler, Milli goşunyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak boýunça alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şeýle hem çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary gullukdan boşatmak, Türkmenistanyň raýatlaryny harby gulluga çagyrmak babatda geçirilen işleriň netijeleri barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, geçen ýylda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň kuwwatyny artdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň alnyp barlandygyny, Milli goşunymyzyň maddy-enjamlaýyn binýadyny, ýurdumyzyň goranmak ukybyny pugtalandyrmak ugrunda degişli işleriň ýerine ýetirilendigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz 2026-njy ýylda hem Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini kämilleşdirmek we ösdürmek, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, şeýle-de harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş, gulluk şertlerini has-da gowulandyrmak, olaryň hünär taýýarlygyny we bilimini kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Baş prokuror B.Muhamedow prokuratura edaralary tarapyndan 2025-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmak arkaly bu düzümiň işini döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirmek, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň berjaý edilişine talabalaýyk gözegçiligi amala aşyrmak, prokuratura edaralarynyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça işler alnyp baryldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimizde kanunlaryň ýerine ýetirilişine, hukuk namalarynyň kanunylygyna, hukuk bozulmalarynyň öňüniň alynmagyna prokuror gözegçiliginiň amala aşyrylmagynyň möhüm ähmiýetini belledi we bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzümleri tarapyndan 2025-nji ýylda ýurdumyzda jemgyýetçilik düzgün-tertibini üpjün etmek, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, ýangyn howpsuzlygynyň we ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda asudalygy, jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, ýol gözegçilik gullugynyň işine öňdebaryjy tejribäni we sanly ulgamy ornaşdyrmak, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýangyn howpsuzlygynyň kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan geçen ýylda alnyp barlan işleriň netijeleri, hususanda, kazyýet ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleriň ýerine ýetirilişi, kazylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak, kazyýet işine sanly ulgamyň mümkinçiliklerini ornaşdyrmak boýunça durmuşa geçirilen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygyny üpjün etmegiň kazyýet edaralarynyň esasy wezipesi bolup durýandygyny belledi we bu wezipeleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz kazylaryň we kazyýet işgärleriniň hünär bilimini ýokarlandyrmagyň, bu ugurda öňdebaryjy tejribä esaslanmagyň, kazyýetleriň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmagyň, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagyň, kazyýet işgärleriniň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny aýtdy we Ýokary kazyýetiň başlygyna anyk görkezmeleri berdi.

Milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew 2025-nji ýylda ýurdumyzda parahatçylygy, asudalygy we jemgyýetçilik hukuk tertibini üpjün etmek hem-de düzümiň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça durmuşa geçirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, ýurdumyzyň milli howpsuzlygyny, döwletimiziň ösüşini üpjün edýän milli bähbitleri goramagyň ministrligiň öňünde durýan möhüm wezipelerdigini aýtdy we bu işleri netijeli dowam etdirmegiň möhümdigini nygtady. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz bu düzümiň edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini döwrebap derejede kämilleşdirmek, ministrligiň işgärleriniň hünär bilimini artdyrmak boýunça degişli işleri alyp barmak babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan geçen ýylda alnyp barlan işleriň netijeleri, serhet bölümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak, Watan goragçylary üçin talabalaýyk gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertlerini döretmek babatda görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Ý.Nuryýewi, başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygy wezipesinden boşatdy. Hormatly Prezidentimiz bu wezipä I.Ilamanowy belläp, ony Döwlet serhet gullugynyň başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatdy.

I.Ilamanow harby kasama wepalylygyň nyşany hökmünde Türkmenistanyň Döwlet baýdagyna tagzym edip, halkymyza, Watanymyza, hormatly Prezidentimize ygrarlylyk barada dabaraly kasam etdi.

Döwlet Baştutanymyz gullugyň täze wezipä bellenilen ýolbaşçysyna işinde üstünlik arzuw edip, öňde durýan ilkinji nobatdaky wezipelere ünsi çekdi we ýurdumyzyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, dost-doganlyk serhetlerimiziň goragyny üpjün etmegiň, bu ugurda öňdebaryjy tejribeleri, döwrebap tehnikalary ornaşdyrmagyň möhüm ähmiýetini belledi.

Adalat ministri M.Taganow milli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça 2025-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle-de raýatlaryň hukuklary we borçlary barada wagyz-nesihat işlerini geçirmek, ilata degişli hukuk kömegini bermek babatda alnyp barlan işler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, taýýarlanylýan hukuk namalarynyň taslamalarynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we hereket edýän kanunlara laýyk gelmegini üpjün etmegiň, ilatyň hukuk taýdan sowatlylygyny artdyrmak boýunça wagyz-nesihat işlerini geçirmegiň, bir bitewi elektron maglumatlar ulgamyny döretmek ugrunda degişli işleri geçirmegiň zerurdygyny belledi hem-de bu babatda anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew geçen ýyl bu düzümiň işine täze tehnologiýalary hem-de üstaşyr geçýän ýüklere gözegçiligi amala aşyrmakda häzirki zaman usullaryny ornaşdyrmagyň netijeleri, gullugyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barlan işler barada hasabat berdi. ■ 2

## BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk

***21-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň Baş direktory Suý Dunýuýy kabul etdi.***




Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän guramasynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga zerur üns berýändigini belledi hem-de ýurdumyzda oba hojalygy pudagynda amala aşyrylýan özgertmelere ýokary baha berdi. Şunuň bilen bir hatarda, Suý Dunýuý Türkmenistanyň ählumumy ekologik derejede abadançylygy üpjün etmek boýunça halkara başlangyçlarynyň ähmiýetini nygtady.

Döwlet Baştutanymyz iri halkara düzümiň ýolbaşçysyny mähirli mübärekläp, onuň Türkmenistana amala aşyrýan saparynyň dowamynda howanyň üýtgemegi bilen bagly şertlerde azyk howpsuzlygy boýunça gatnaşjak sebitleýin maslahatynyň bu meseleler boýunça pikir alyşmak üçin möhüm mümkinçilik boljakdygyny belledi. Onuň ýurdumyzda her ýyl geçirilmegi Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlygyň netijesidir, Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge ygrarlydygynyň aýdyň mysalydyr. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz bu maslahatyň halkara hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrjakdygyna, täze başlangyçlara itergi berjekdigine hem-de howanyň üýtgemegi şertlerinde azyk howpsuzlygynyň ählumumy meselelerini çözmäge mynasyp goşant goşjakdygyna ynam bildirip, abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen edaralary, şol sanda FAO bilen hyzmatdaşlyk etmegiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny nygtady. ■ 2

## Durnukly ösüş üçin sebitleýin arabaglanyşyk

***21-nji ýanwarda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynyň (SPECA) hepdeliginiň çäklerinde ykdysady forum öz işine başlady. Foruma gatnaşyjylaryň hatarynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň, Azerbaýjanyň, Hindistanyň ugurdaş ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň, Ýewropa Bileleşiginiň, Bütindünýä bankynyň we beýleki düzümleriň ýolbaşçylarydyr wekilleri bar.***

Açylyş dabarasynyň başynda hormatly Prezidentimiziň SPECA hepdeliginiň çäklerinde geçirilýän ykdysady foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Gutlagda Bitarap Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk baýramynyň belleniljek ýylynda geçirilýän ykdysady forumyň Türkmenistanyň SPECA agza beýleki döwletler bilen bilelikde sebitde mundan beýläk-de ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen maksatlara ýetmek ugrunda yzygiderli tagallalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam etjekdigi bellenilýär.



Soňra forumyň plenar mejlisi geçirildi. Utgaşykly görnüşde geçirilen mejlisde çykyş edenler Türkmenistanyň SPECA-nyň çäklerinde hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen başlangyçlarynyň strategik ähmiýetini nygtadylar. Häzirki zaman şertlerinde bu maksatnama Merkezi Aziýa sebitini Ýewraziýa yklymynda iň çalt ösýän ulag-logistika we energetika merkezleriniň birine öwürmäge ýardam berip, durnukly ösüşiň möhüm şerti bolup durýar. Çykyş edenler Türkmenistanyň alyp barýan ulag diplomatiýasynyň möhüm ähmiýetini bellediler. Multimodal ulag geçelgeleriniň döredilmegi, üstaşyr geçirmek amallarynyň ýeňilleşdirilmegi diňe bir sebitiň döwletleriniň däl, eýsem, tutuş dünýä jemgyýetçiliginiň hem bähbitlerine laýyk gelýär. ■ 2



### Dawos forumy öz işini jemleýär

Şweýsariýanyň dag şypahanaly Dawos şäherinde 19-njy ýanwarda işine başlan 56-njy Bütindünýä ykdysady forumy (WEF) şu gün öz işini tamamlaýar. 4



### Dümewden soň iýilmeli iýmitler

Dümewden soň wirusyň gaýtadan dikelmezligi üçin immuniteti güýçlendirmeli, bedeni zerur bolan witaminler bilen üpjün etmeli. 5



### Topjagaza meňzeş «tüýli miwe»

Öň datmadyk miwäň tagamy barada öňünden çaklap bolar. Emma käbir miwäniň daş görnüşine seredeňde, ony iýilýändir hem öýtmeýärsiň. 6



### 48-nji Dakar Rallisi tamamlandy

Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri hasaplanýan Dakar Rallisi tamamlandy. 48-nji gezek geçirilen ýaryş 7-nji sapar Saud Arabystanynyň çäginde guraldy. 7

# WATAN MERTEBESI BEÝIKDIR, GORAGY MUKADDES BORÇDUR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, gümrük gözegçiliginiň has-da ygtybarly bolmagyny gazanmak maksady bilen, ýurdumyzyň gümrük nokatlarynda döwrebap enjamlaryň, sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmagyň, gümrük nokatlarynyň geçirijilik kuwwatyny döwrüň talaplaryna laýyklykda ýokarlandyrmagyň we işgärleriň hünär bilimini artdyrmagyň zerurdygyny aýtdy we bu ugurda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow 2025-nji ýylda ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan alnyp barlan işleriň netijeleri, döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklaryna laýyklykda, gullugyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek hem-de bu düzümi ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, gullugyň işini has-da döwrebaplaşdyrmagyň maksady bilen, kämil maglumat tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň, bu düzümiň işgärleriniň bilim derejesini ýokarlandyrmakda ýzygiderli okuwlary guramagyň, migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ýurdumyzda her ýylyň 27-nji ýanwarynda Watan goragçylarynyň gününiň dabaraly bellenilip gelinýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz ata Watanymyza wepaly gulluk edip, onuň mukaddes Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini, konstitution gurluşyny ygtybarly goramagyň, kanunçylygy üpjün etmegiň, adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny, kanuny bähbitlerini, jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerini goramagyň Watan goragçylarynyň mukaddes borjudygyny belläp, olaryň bu ugurda alyp barýan işlerine ýokary baha berdi. Mejlisiň ahyrynda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň gullukçylaryny, işgärlerini ýetip gelýän Watan goragçylarynyň güni bilen tüýs ýürekden gutlady.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny pugtalandyrmaga, howpsuzlygy, jemgyýetçilik we hukuk tertibini üpjün etmek işine goşan şahsy goşantlaryny göz öňünde tutup, şeýle hem Watan goragçylarynyň güni mynasybetli, harby we hukuk goraýjy edaralaryň harby gullukçylaryny, işgärlerini döwlet sylaglary bilen sylaglamak, harby we ýörite atlary dakmak hem-de hünär derejelerini bermek barada kasara gol çekdi.

Döwlet Baştutanymyz goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylaryny, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini, bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

# DURNUKLY ÖSÜŞ ÜÇIN SEBITLEÝIN ARABAGLANYŞYK







**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Bütindünýä durnukly ulag gününiň döredilmegi bu ugurdaky tagallalaryň ählumumy derejede ykrar edilmeginiň subutnamasy boldy.

SPECA sebitinde bilelikdäki tagallalaryň utgaşdyrylmagy, hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň ösdürilmegi, maýa goýumlaryň çekilmegi we innowasion işjeňligiň höweslendirilmegi ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin mümkinçilikleri giňeltmäge ýardam berer. Ara alyp maslahatlaşmalaryň dowamynda sanly geçiş we innowasion ösüş meselelerine aýratyn orun berildi. Mejlise gatnaşyjylar gümrük, söwda amallaryna BMG-niň öňdebaryjy standartlaryny ornaşdyrmagyň zerurdygyny nygtadylar. Maglumat alyşmalarynyň sanlylaşdyrylmagy ýük daşamalaryň netijeliligini ýokarlandyrmakda esasy şertleriň biri bolup durýar.

Maýa goýum meselelerini ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde mejlise gatnaşyjylar SPECA-nyň köphyzmatdaşly gaznasyny döretmegiň ähmiýetini bellediler. Türkmen tarapynyň öňe sürýän bu mehanizmi serhetüsti başlangyçlary maliýe taýdan üpjün etmek üçin wajyp gural bolar. Bu gazna «ýaşyl» ykdysadyýet, energetika, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak ulgamlarynda taslamalary durmuşa geçirmek üçin serişdeleri üpjün etmäge ýardam berer. Ekologik durnuklylyk, tebigy serişdelerden netijeli peýdalanmak meselelerine hem üns berildi. Halkara guramalaryň wekilleri SPECA-nyň formatyndaky ykdysady integrasiýanyň daşky gurşawy goramak, ekologik taýdan arassa tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça çäreler bilen utgaşykly bolmalydygyny nygtadylar. Mejlise gatnaşyjylar ykdysady ösüşiň inklýuziw häsiýete eýe bolmalydygyna ünsi çekdiler. Gaz we elektrik geçirijiler ýaly iri infrastruktura taslamalarynyň bilelikde durmuşa geçirilmegi SPECA sebitinde uzak möhletli parahatçylygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň we abadançylygyň kepili bolup hyzmat edýär.

Soňra forum öz işini «Hazar sebitinde we onuň çäklerinden daşarda özara energetika baglanyşygy» atly mowzuklaýyn mejlis bilen dowam etdi. Çykyşlarda ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmegiň möhüm halkasy hökmünde Merkezi Aziýa sebitiniň eýeleýän ornuna üns çekildi. Ara alyp maslahatlaşmalaryň dowamynda mejlise gatnaşyjylar eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmagyň we köpşahaly infrastrukturany döretmegiň zerurdygyny nygtadylar. Sebitiň özara energetika baglanyşygy diňe bir energiýa serişdelerini iberiji ýurtlar üçin däl, eýsem, üstaşyr geçiriji we sarp ediji döwletler üçin hem durnuklylygyň kepili bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň ygtybarly halkara energetika infrastrukturasyny döretmek boýunça başlangyçlarynyň ähmiýeti bellenildi.

«Ýewraziýa ulag baglanyşyklarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin özara ulag baglanyşygy» atly mejlisde multimodal ulag geçelgelerini amatlylaşdyrmagyň zerurdygyna üns çekildi. Mejlise gatnaşyjylaryň umumy pikirine görä, milli ulag ulgamlarynyň SPECA-nyň bitewi ulgamyna birleşdirilmegi üstaşyr ýük akymlarynyň möçberini ep-esli artdyrmaga mümkinçilik berer.

Soňra forum «Durnukly ösüş üçin strategik garaýyş» atly mejlis bilen dowam etdi. Mejlisiň çäklerinde BMG-niň durnukly ösüş ulgamynda 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini durmuşa geçirmegiň integrirlenen çemeleşmelerini işläp taýýarlamak meselelerine üns berildi. Bellenilişi ýaly, söwda ulgamy ykdysady ösüşiň, integrasion prosesleriň hereketlendiriji güýji bolmak bilen, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmagyň esasy şertleriniň biri bolup çykyş edýär. Durnukly söwda ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegi ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak babatda sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmäge, ulag-logistika baglanyşygyny ösdürmäge, milli ykdysadyýetleriň durnuklylygyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasy 1998-nji ýylda esaslandyrylyp, sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetlerini ösdürmäge, olaryň dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna goşulyşmagyna ýardam bermäge gönükdirilen mehanizmdir. Bu platforma BMG-niň iki iri komissiýasynyň – Ýewropa ykdysady komissiýasynyň hem-de Aziýa we Ýuwaş umman sebiti boýunça Ykdysady we Durmuş komissiýasynyň howandarlygynda ýedi ýurdy, şol sanda Azerbaýjany, Owganystany we Merkezi Aziýa ýurtlaryny birleşdirýär.

Forum şu gün öz işini tamamlar.

# WATAN GORAGY – MERTLIK MEKDEBI

Watan goragy mukaddesligiň goragydyr, mertlik mekdebidir, belent borçdur. Şoňa görä-de, her ýylyň 27-nji ýanwarynda ýurdumyzda Watan goragçylarynyň güni uly dabaralara beslenip bellenilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem ýurdumyzyň ähli künjeginde bu baýramçylyk uly dabaralar bilen bellenip geçiler.

Binýady berkden tutulan Ýaragly Güýçlerimiziň guryýer, harby-howa, harby-deňiz we howa hüjüminden goranmak goşunlarynda berk taktiki taýýarlykly, ynsanperwerlik ýörelgeleri esasynda terbiýelenen, häzirki zamanyň öňdebaryjy tehnologiýalaryndan baş çykarýan, kämil bilimli harby gullukçylar gijesini gündiz edip, Watan goragynda sak durýarlar. Şonuň üçin hem her ýyl Watana wepalylygyň belent nusgasyny görkezýän harby gullukçylar döwlet sylaglary bilen sylaglanýar. Munuň özi merdana Watan goragçylaryny mundan beýläk-de ak ýürekden gulluk etmäge höweslendirýär.

Türkmen halky taryhyň ähli döwürlerinde Watany gorap, mertligi, edermenligi we gaýduwsyzlygy bilen tanalypdyr. Ata-babalarymyz üçin Watan diňe bir ýaşaýan ýeri bolman, eýsem, namysyň, mertebäniň we mukaddesligiň nyşany bolupdyr. Şu ruhy miras häzirki döwürde hem ýaş nesliň terbiýesinde möhüm orun eýeleýär. Harby gulluk döwründe raýat diňe harby taýýarlyk bilen çäklenmän, sabyrlylygy, tertipliligi, jogapkärçiligi, kynçylyklara döz gelmegi, ýoldaşlaryna daýanyp hereket etmegi, bir maksada gulluk etmegi öwrenýär. Bularyň ählisi mertlik mekdebiniň aýrylmaz bölegidir.

Alym Arkadagymyzyň «Mertler Watany beýgeldýär», «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar» atly eserlerinde Watany söýmegiň we ony goramagyň her bir ynsan üçin mukaddes borçdugy, türkmen halkynyň taryhynda Oguz han, Görogly beg, Togrul beg we Çagry beg ýaly merdana şahsyýetleriň goýup giden gahrymançylykly ýolunyň Watan goragçylary üçin nusgalyk mekdepdigi beýan edilip, Watan mukaddesligini ene mähri we ojagyň mukaddesligi bilen deňeşdirmegi bolsa ýaşlaryň watançylyk ruhuny galkyndyrýar.

Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly eserinde: «Biz merdana Watan goragçylarynyň öz mukaddes borçlaryny yhlasly hem döredijilikli gulluk bilen mynasyp ýerine ýetirmekleri üçin ähli şertleri döredýäris» diýip belleýär. Bu bolsa her bir harby gullukçyny mundan beýläk-de eziz Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini, konstitusion gurluşyny, döwlet serhedimiziň mizemezligini goramak, ýurdumyzyň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik asudalygyny, milli kanunçylygymyzy hem-de hukuk tertibini üpjün etmek ugrunda jan aýaman zähmet çekmäge, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza, mähriban halkymyza, hormatly Prezidentimize ak ýürekden birkemsiz gulluk etmäge ruhlandyrýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 20-nji maddasynda: «Döwletiň özygtyýarlylygyny we howpsuzlygyny gorap saklamak



üçin Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri bardyr» diýlip berkidilen. Esasy Kanunymyzyň 58-nji maddasynda bolsa, Türkmenistany goramagyň her bir raýatyň mukaddes borjudygy hem-de Türkmenistanyň raýaty bolan her bir erkek adam üçin ählumumy harby borçlulygyň bellenendigi baradaky konstitusion kada kesgitlenen.

Häzirki zaman harby gullugy diňe bir harby taýýarlyk däl, eýsem, iň döwrebap tehnologiýalaryň we polat ýaly berk tertip-düzgüniň utgaşan ulgamydyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bu ulgam düýbünden täze hile göterilip, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde sanly ykdysadyýet we innowasion tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. Goşunymyzyň düzümi dünýäniň iň ösen harby tehnikalary bilen üpjün edilýär. Watan goragçylarynyň diňe bir beden taýdan däl, eýsem, maglumatlar giňişliginde hem Watany goramaga ukyply bolmagyna uly üns berilýär. Häzirki zaman esgeri döwrebap tehnikalary dolandyrmaly, daşary ýurt dillerini bilmeli, çylşyrymly strategiki we taktiki wezipeleri çözmäge ukyply bolmaly.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Milli goşunymyzyň kuwwaty yzygiderli artdyrylýar, maddy-enjamlaýyn binýady pugtalandyrylýar. Biz muňa geçen ýylda geçirilen dabaraly harby ýörişiň dowamynda hem göz ýetirdik. Dabaraly harby ýörişden geçen häzirki zamanyň iň kämil söweşjeň ýaraglary, harby we ýörite tehnikalary Milli goşunymyzyň goranyş kuwwatynyň berkdigini bütin dünýä äşgär etdi.

Şeýle hem harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş, gulluk, iş şertlerini gowulandyrmak barada ýadawsyz tagallalar edilýär, Ýaragly Güýçlerimiziň düzümlerine degişli ýokary amatlykly täze binalardyr desgalar toplumlary yzygiderli gurulýar.

Watan goragçylarynyň güni ýurdumyza bolan söýgimizi, halkymyz bilen Milli goşunymyzyň jebisligini şöhlelendirýär. Bu şanly senäniň uludan toýlanmagy bagtyýar raýatlarymyzyň watançy ogul-gyzlaryna bolan ynamyny hem-de buýsanjyny dabaralandyrýar. Baýramçylyk mynasybetli geçirilýän çärelerde harby gullukçylar halk hakydasynyň öçmejek nyşanyna öwrülen Watanyň wepaly ogullarynyň, ýurt goran merdana gerçekleriň hatyrasyna gül çemenleri goýýarlar, Watany janyndan ilerde goýan ata-babalarymyzyň, milletiň ogullarynyň öňünde baş egip, ruhy tagzym edýärler.

Watan goragy her bir adamyň durmuşynda iň belent, mukaddes borçlaryň biridir. Ol diňe harby borjy ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, eýsem, Watana bolan söýginiň, wepalylygyň, mertligiň we ruhubelentligiň beýik mekdebidir. Bu mekdepde terbiýelenen ýaşlar diňe bir Watany gorap bilýän raýat däl, eýsem, durmuşda hem dogruçyl, jogapkärli we ruhy taýdan berk şahsyýet bolup ýetişýärler. Parahatçylyk döwründe hem Watany goramak mertligi talap edýär. Halal zähmet çekmek, kanunlara hormat goýmak, jemgyýetde adalatly bolmak hem mertlikdir. Şonuň üçin Watan goragy her bir nesil üçin belent terbiýe mekdebi bolup durýar.

Umuman, Watan goragy mertlik mekdebi bolup, ol adamda belent ahlaklylygy, watançylygy, edermenligi we ynsanperwerligi terbiýeleýär. Bu mekdepden geçen her bir adam Watanyna, halkyna we harby kasamyna wepaly bolup, jemgyýetiň ygtybarly daýanjyna öwrülýär.

**Akmyrat AŞYROW,**
*Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň ylmy işgäri.*

# BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hormatly Prezidentimiz ýurdumyz bilen FAO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlyk barada aýdyp, häzirki wagtda oba hojalyk pudagyny döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen birnäçe taslamalaryň amala aşyrylýandygyny belledi. Türkmenistanda bu düzümiň goldawy bilen oba hojalygynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, ýer serişdelerini dolandyrmagy kämilleşdirmäge gönükdirilen taslamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Häzirki zaman tehnologiýalary ornaşdyrylýar. Mundan başga-da, oba hojalyk ekinlerini goramak boýunça milli we sebit derejesinde tagallalary pugtalandyrmaga gönükdirilen taslamalar durmuşa geçirilýär. «Ýaşyl» howa gaznasynyň çäklerindäki başlangyçlar, «Bitewi saglyk» konsepsiýasy ilerledilýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Azyk we oba hojalyk guramasy bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge taýýardygyny tassyklady.

* * *

Şol gün Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň Baş direktory Suý Dunýuý Türkmenistanyň Daşary işler ministri bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň arasynda FAO-nyň wekilhanasyny döretmek we tehniki ýardam bermek hakynda Ylalaşyga gol çekildi.

# Ýel energiýasy gazdan arzan düşdi

Angliýa deňziň kenardan uzakdaky ýerlerinde guruljak Ýewropanyň iň uly ýel bekediniň gurluşygyna badalga berýär. Önümçilik kuwwaty 8,4 GW boljak iri taslama bahasy hem-de ölçegi babatda bu ugurdaky bäsdeşligi has-da ýitileşdirdi.



Taslamanyň çäklerinde guruljak beket 10 million öýi arassa elektrik energiýasy bilen üpjün eder. Ýurtda geçirilen bäsleşiklerde Angliýa we Gallerde 1 MW/sagat üçin 91,2 funt sterling, Şotlandiýada 1 MW/sagat üçin 89,5 funt sterling boldy. Bu görkezijiler Birleşen Patyşalykda täze tebigy gaz bekedini gurmak we işletmek üçin edilýän çykdajydan (1 MW/sagat üçin 147 funt sterling) 40 göterim arzan. Deňizlerde guruljak beketlerden alnan elektrik energiýasy sarp edijilere tebigy gaz bilen deňeşdirilende, her ýylda 1,7 milliard funt sterling arzan düşer.

**Sona ISLAMOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Syýahatçylyk girdejisi täze sepgide ýetdi

Bütindünýä syýahat we syýahatçylyk geňeşiniň (WTTC) maglumatyna görä, geçen ýyl bu pudakdan alynýan girdeji rekord derejä ýetdi. Pudagyň dünýä ykdysadyýetine goşandy 10 trillion ýewro ýetip, halkara syýahat pandemiýadan ozalky döwrüň derejesinden ýokary boldy. Bu görkeziji global jemi içerki önümiň 10,3 göterimini emele getirdi. Şeýlelikde, bu pudak ozalky ýyldakydan 6,7 göterim ösdi. Maglumata görä, dünýäde üç adamdan biri syýahatçylyk ýa-da syýahat pudagynda zähmet çekýär.



WTTC-niň ýolbaşçysy Gloriýa Gewara: «Eger syýahatçylyk bir ýurt bolsady, dünýäniň iň uly üçünji ykdysadyýeti bolardy» diýip belledi.

Geçen ýyl 1,5 milliarddan gowrak adam halkara syýahat etdi. Bu görkeziji 2024-nji ýyldakydan 80 million köpdür. Her gün ortaça 219 müň ýolagçy halkara syýahata çykdy. Ýewropanyň syýahatçylyk pudagynyň ykdysady goşandy 2,5 trillion ýewro ýetdi. Ispaniýa bu pudakda rekord goýup, 96,5 million daşary ýurtly myhmany kabul etdi.

**Ylýas WELHANOW,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň talyby.*




# Geljegiň ýyldyzlary meýdançada: «Grassroots» futbol festiwallary

Golaýda Türkmenistanyň Futbol federasiýasy (TFF) tarapyndan ýurdumyzyň sport durmuşynda möhüm orun tutýan «Grassroots» köpçülikleýin çagalar futbol festiwallary guraldy. Aşgabat şäheriniň we Ahal welaýatynyň döwrebap stadionlarynda hem-de sport mekdeplerinde geçirilen bu çäreler ýüzlerçe çaganyň sporty söýmegine we futbol dünýäsine ilkinji ädimlerini ätmegine sebäp boldy. Çagalaryň we ýetginjekleriň gatnaşan futbol festiwallary paýtagtymyzdaky «Olimp» orta sport mekdebinde, Futbol boýunça geljekki olimpiýaçylaryň ýöriteleşdirilen çagalar-ýetginjekler sport mekdebinde, Köpetdag sport toplumynyň «Köpetdag» futbol klubunyň futbol meýdanynda, Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň 1-nji sport mekdebiniň futbol meýdanynda, Ahal welaýatynyň ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýan sport mekdep-internatynda geçirildi. Festiwalyň dowamynda çagalar guramaçylar tarapyndan ýörite guralan türgenleşiklere, dürli ugurdaky bäsleşiklere işjeň gatnaşdylar. Şeýle-de kiçi meýdançalarda ýoldaşlyk duşuşyklary geçirildi. Geçirilen çäreleriň ahyrynda gatnaşyjylara Türkmenistanyň Futbol federasiýasy tarapyndan futbol toplary sowgat berildi. Ýaş futbolçylaryň guralan ähli ýaryşlara uly höwes bilen gatnaşandyklaryny aýratyn bellemek gerek.

Esasy maksady futbolyň köpçülikleýinligini artdyrmakdan, çagalarda sagdyn durmuş ýörelgesini kemala getirmekden we ýaş zehinleri ýüze çykar-



makdan ybarat bolan futbol festiwallarynyň dowamynda çagalar üçin dürli görnüşli sport oýunlarynyň we ýaryşlaryň guralandygyny bellemek gerek. Geljegiň ýyldyz futbolçysy bolmagy arzuw edýän körpelere tejribeli tälimçiler top bilen işlemegiň, topy alyp gitmegiň, topardaş ýoldaşyna geçirmegiň we derwezä gönükdirmegiň inçe tilsimlerini öwretdiler. Geçirilen futbol duşuşyklary çagalaryň biri-biri bilen aragatnaşyk saklamagyna, topar bilen işleşmegi endiklerine öwürmeklerine ýardam etdi. Festiwalyň çäklerinde geçirilen gyzykly bäsleşikler futbol meýdançasyny hakyky baýramçylyk meýdançasyna öwürdi. Çagalaryň şadyýan sesleri we joşguny tutuş stadiona ýaň saldy. Festiwalyň dowamynda ýörite taýýarlykly tälimçiler çagalar bilen dürli ugurdaky sapaklary geçdiler. Olar çagalaryň sporta bolan höwesini artdyrmak üçin dürli ugurdaky gyzykly usullary ulandylar.

«Grassroots» çagalar festiwaly Türkmenistanda futbolyň binýadyny goýýan iň möhüm çäreleriň biridir. Geçirilen festiwallarda meýdança çykan ýaş futbolçylaryň ukyp-başarnyklary olaryň geljekde milli ýygyndymyzyň we professional klublarymyzyň esasy sütünleri bolup ýetişjekdigine ynam döredýär. Bu festiwallaryň ýurdumyzyň beýleki welaýatlarynda hem dowam etdirilmegine garaşylýar.

Çagalarda sporta bolan söýgini artdyran bu çäreler türkmen futbolynyň geljeginiň ygtybarly ellerdedigini ýene bir gezek subut etdi. Festiwal diňe bir çagalar däl, eýsem, olaryň ene-atalary üçin hem şatlykly waka boldy. Çünki olar öz perzentleriniň sporta bolan ilkinji ädimlerine tomaşa edip, ruhy goldaw berdiler. Geçirilen futbol festiwallary eziz Watanymyzda sportuň beýleki görnüşleri bilen birlikde futbola hem uly üns berilýändiginiň nobatdaky subutnamasy boldy.



# EMELI AŇ TÄZE DÖWRÜŇ GAPYSYNY AÇÝAR

Häzirki wagtda dünýäde tehnologiýanyň ösmegi bilen lukmançylyk ylmy hem düýpli öňegidişlikleri başdan geçirýär. Bu öňegidişlikleriň özeninde bolsa adam aňynyň iň kämil önümi bolan emeli aň durýar. Eýsem, emeli aň lukmançylykda nähili özgerişlikleri amala aşyrýar we onuň anyklaýyş hem-de bejeriş işlerindäki ähmiýeti nämeden ybarat?

Keseli näçe ir we takyk anyklasaň, ony bejermek şonça-da aňsat bolýar. Emeli aň algoritmleri millionlarça rentgen suratlaryny, KT we MRT seljermelerini sanlyja sekundyň içinde seljerip bilýär. Ylmy barlaglar emeli aňyň rak öýjüklerini ýa-da ýürek-damar keselleriniň ilkinji alamatlaryny anyklamakda has takyk netijeleri berip bilýändigini görkezýär. Mysal üçin, EA öýken rentgeninde lukmanyň gözünden sypan örän kiçi üýtgeşmeleri saýgaryp, howply keseliň öňüni almaga kömek edýär.




Emeli aň «umumy bejeriş» usulyndan «şahsy bejeriş» (Personalized Medicine) usulyna geçmäge mümkinçilik berýär. Nähoşyň genetiki maglumatlaryny we kesel taryhyny seljerýän «akylly» programmalar şol adam üçin iň netijeli dermany we onuň mukdaryny hasaplap çykarýar.

Mundan başga-da, täze dermanlaryň oýlanyp tapylmagynda EA uly rol oýnaýar. Ozallar bir dermanyň synaglardan geçip, ulanylyşa girmegi üçin 10-15 ýyl gerek bolýardy. Emeli aň molekulalaryň özara täsirini wirtual gurşawda modelleşdirip, bu möhleti birnäçe aýa çenli gysgaltmaga kömek edýär.

Häzirki wagtda emeli aň bilen enjamlaşdyrylan robotlar hirurglaryň iň ýakyn kömekçisine öwrüldi. Robotlar iň çylşyrymly operasiýalary mikroskopiýa derejesinde ýokary takyklyk bilen amala aşyrmaga şert döredýär. Emma emeli aň lukmanyň ornuny tutmak üçin däl-de, eýsem, onuň işini has-da kämilleşdirmek üçin niýetlenendir. Emeli aňyň we lukmançylyk biliminiň birleşmegi saglygy goraýyş ulgamynda täze belentliklere ýetmäge mümkinçilik berer.

**Hydyr AÝNAZAROW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# GYŞ PASLYNDA ÝOL HEREKETINIŇ HOWPSUZLYGY MÖHÜMDIR

Gyş paslynda howa şertleriniň üýtgemegi ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek işine aýratyn jogapkärçilik ýükleýär. Gar ýagmagy, ýollaryň sürçek we ümürli bolmagy ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmak howpuny artdyrýar. Şeýle ýagdaýlarda ýol hereketini kadaly we howpsuz ýagdaýda guramak Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugy gyş paslynda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ýol hereketine gatnaşyjylaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen toplumlaýyn çäreleri amala aşyrýar. Bu çäreleriň çäginde ulag serişdeleriniň tehniki ýagdaýyna, aýratyn-da, ähli ulgamynyň sazlygyna, dolandyryş ulgamynyň işleýşine, yşyklandyryş enjamlarynyň doly we dogry işlemegine, şeýle hem gyşky tekerleriň ulanylmagyna yzygiderli gözegçilik edilýär.

Şeýle-de ýol gözegçilik gullugy tarapyndan sürüjileriň ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý ediş derejesine aýratyn üns berilýär. Howa şertlerine laýyk gelýän tizlik bilen sürmek, ulaglaryň arasynda howpsuz aralygy saklamak, öňünden duýduryş berýän ýol belgilerine we çyzyklara eýermek sürüjiler üçin hökmany talaplar hökmünde düşündirilýär. Bu



ugurda polisiýa işgärleri tarapyndan düşündiriş, wagyz-nesihat we öňüni alyş çäreleri yzygiderli geçirilýär.

Gyş paslynda pyýadalaryň ýol geçelgelerinden peýdalanmagy, ýol yşyklarynyň talaplaryny berjaý etmegi boýunça düşündiriş işleri alnyp barylýar. Bu çäreler pyýadalaryň gatnaşmagynda ýüze çykýan ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almaga ýardam edýär.

Mundan başga-da, ýol gözegçilik gullugy degişli gulluklar bilen hyzmatdaşlykda ýollaryň ýagdaýyna gözegçilik edýär, howply bölekler barada degişli edaralara maglumat berýär we zerur bolan halatynda degişli işleri geçirmek boýunça çäreleri amala aşyrýar. Şeýle hyzmatdaşlyk ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Netijede, gyş paslynda ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek jemgyýetiň ähli gatlaklarynyň bilelikdäki jogapkärçiligi bolup durýar. Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugy bu ugurda kanunçylykda bellenilen borçlaryny yhlas bilen ýerine ýetirip, ýol-ulag hadysalarynyň sanyny azaltmaga, ilatyň howpsuzlygyny üpjün etmäge hem-de ýol hereketiniň medeniýetini ösdürmäge uly goşant goşýar.

**Hakberdi REJEPOW,**
*Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrap polisiýa bölüminiň Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 23-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117969
Belgisi: 4/1674
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Adamzat aragatnaşygynyň möhüm serişdesi

Döwletiň berkararlygy, halkymyzyň bagtyýarlygy, ýaş nesilleriň röwşen geljegi, ilkinji nobatda, kämil ylym-bilime daýanýar. Dünýäde ähmiýeti barha artýan ylym-bilim ulgamynyň ýurdumyzda toplumlaýyn döwrebaplaşdyrylmagy hem hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatyna, köpasyrlyk taryhy tejribesi bolan halkymyzyň asylly ýörelgelerine esaslanýar.

Ýaşlaryň daşary ýurt dillerini öwrenmegi üçin netijeli döwlet maksatnamalary durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, iň gowy dünýä tejribesiniň öwrenilmegine, ynsanperwer ulgamda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär.

Dil öwrenmek täze bir dünýäni öwrenmek hasaplanýar. Islendik dilde şol halkyň ruhy dünýäsi, medeniýeti aýdyň şöhlelenýär. Bu bolsa dünýä dillerini öwrenmek arkaly özge halklar bilen dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge giň mümkinçilikleriň açylýandygyny görkezýär. Şeýlelikde, ýaşlaryň dil öwrenmekleri olaryň dünýägaraýşyny has-da giňeldýär.



Milli Liderimiziň başlangyjy bilen 2017-nji ýylda Türkmenistanyň bilim ulgamyny okgunly ösüşlere gönükdirýän möhüm resminama, ýagny, «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Bu resminama ýaş nesliň döwrüň talaplaryna laýyklykda bilim almagy, hünär we ylym öwrenmegi, sagdyn bolmagy, edep-terbiýeli, ata Watanymyza, merdana ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgelerine wepaly adamlar bolup ýetişmekleri bilen bagly wajyp wezipeleri, şeýle hem ene dilimizi we daşary ýurt dillerini kämil özleşdirmeklerini gazanmak ugrundaky özgertmeleri öz içine alýar.

Ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde dil ugruna degişli dersler öwrenilýär. Dil öwrenmekde interaktiw tehnologiýalar giňden ulanylýar. Has takygy, elektron okuw serişdeleri, sanly platformalar, audio-wideo materiallar, interaktiw programmalar ýaşlaryň dili eşitmek, görmek we ulanmak arkaly özleşdirmegine mümkinçilik berýär. Şeýle serişdeler okuw prosesini has gyzykly, düşnükli we täsirli edýär. Mundan başga-da, sanly tehnologiýalar ýaşlaryň özbaşdak işlemegine, öz ösüşini seljermegine we bilim derejesini yzygiderli ýokarlandyrmagyna şert döredýär. Şeýle-de dil sapaklarynda dialog, pikir alyşma, toparlaýyn oýunlar ýaly usullar ýaşlaryň dili çalt özleşdirmegine uly mümkinçilik berýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň ilkinji günleri şanly wakalara beslendi. Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan Aşgabat, Arkadag şäherlerinde we welaýat merkezlerinde pedagogik işgärleriň usuly-amaly okuwlary hem-de maslahatlary geçirildi. Olarda dil öwretmek usulyýetini döwrebap derejede guramak barada giňişleýin gürrüň edildi.

Her dil belli bir halkyň dünýägaraýşyny we milli gymmatlyklaryny özünde jemleýär. Birnäçe dili bilmek täze gapylary açýar. Şol bir wagtda, ene dilimiziň arassalygyny saklamak we ösdürmek, dilimizi baýlaşdyrmak we geljekki nesillere kämil ýagdaýda geçirmek hemmämiziň mukaddes borjumyzdyr.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

# TÜRKMENISTAN – BEHIŞDI BEDEWLERIŇ MEKANY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda türkmen halkynyň milli gymmatlyklary umumadamzat gymmatlyklarynyň sanawyna yzygiderli goşulýar. 2023-nji ýylyň 5-nji dekabrynda Botswananyň Kasane şäherinde ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça hökümetara komitetiniň 18-nji mejlisinde «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleriniň» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşulmagy munuň ýene bir aýdyň subutnamasy boldy.

Geçmişde ýow güni ýoldaş, toý güni hemdem bolan bedewleri pederlerimiz gözleriniň görejine deňäpdirler. Bedewiň eýer-esbaplaryny gymmatly şaý-seplere besläpdirler, ýüpek-parçalary örtüp, yssy-sowukdan gorapdyrlar. Dal bedewlerimiziň «gazygy kümüşden, ýol azygy iýmişden» bolupdyr. Bu hödürnamada «Atlary bezemek däplerine» orun berilmegi halkymyz tarapyndan at esbaplaryny taýýarlamagyň sungat derejesine ýetirilendigi bilen baglanyşyklydyr.

Türkmen halky atynyň gözel zynatyny amaly-haşam sungatynyň iň naýbaşy eserleri bilen bezäp, has-da görklendiripdir. Türkmen senetkärleriniň bedew üçin halydyr kilimden, keçeden sünnäläp taýýarlan esbaplary, altyndan-kümüşden bejeren şaý-sepleri munuň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenleriň arasynda bolan syýahatçylar, alymlar hem ahalteke bedewiniň gözelligini, ýyndamlygyny, düşbüligini wasp etmek bilen birlikde, dokma we keçe önümlerinden ussatlyk bilen taýýarlanylan at esbaplarynyň nepisligini, gorag hökmünde tutýan möhüm ornuny belläp geçipdirler.

XIX asyryň altmyşynjy ýyllarynda ýurdumyzyň günbatar etraplaryndan Hywa geçip giden wenger alymy Arminiý Wamberi (1832-1913 ýý.) «Orta Aziýa syýahat» atly kitabynda bu barada şeýle täsirli ýatlamalary galdyrypdyr: «Türkmenleriň atlaryna ideg edişi, gyşyň aýazydyr tomsuň yssy howasyndan goramak üçin olara ýapynjalary atýandygy wasp etmäge diýseň mynasypdyr. Türkmen ýigidiniň öz egin-eşikleri sadaja bolsa-da, atlaryny we eýerlerini sünnäläp bezeýişleri, bedewleriň syratly, inçe guýrukly, bedeniniň örän tekiz we ýalpyldap durşy haýran galdyrýar. Munuň düýp sebäbi atyň üstüne gyşda-da, tomusda-da birnäçe keçe ýapynjanyň atylmagyndadyr. Hakykatdan-da, ajaýyp türkmen bedewleri şeýle ünsli alada, hormat-sarpa mynasypdyr».

Türkmen bedewleriniň dürli öwüşginli dokma önümleri bilen bezelip, arzylanyp saklanyşy barada rus harby serkerdesi N.I.Grodekow ýatlamalarynda şeýle ýazýar: «Türkmenler ykjam we görmegeý geýinýärler, öýlerine haly, gülli keçe düşeýärler, bedew atlaryny bolsa iň owadan halydyr kilim, keçe önümleri bilen bezeýärler. Bu ýagdaý türkmeniň öz bedewini ähli zatdan eý görýändiginiň nyşanydyr».

Rus etnografy G.Ý.Markow türkmenleriň bedewlerini aýratyn alada bilen gurşaýandygy barada şeýle ýazýar: «Türkmenler öz çagalaryny eý görüp söýüşleri ýaly, bedewlerini-de mähir–mylakat bilen seýisleýärler. Diňe bir gyşda däl, eýsem, tomsuň yssy günlerinde hem aty tebigy täsirden goramak üçin tä gulagyna çenli ýörite taýýarlanylan keçe, haly esbaplar bilen basyrýarlar».

Şu ýerden görnüşi ýaly, pederlerimiz bedewi hemişe ünsden düşürmän, atyň esbaplaryna altyn-kümüş şaý-sepleri dakypdyrlar, deriden alagaýyşdyr jylaw, bilbagydyr nogta ýaly esbaplara hakyk daşyny oturdyp bezäpdirler. Gelin-gyzlarymyz bolsa dal bedewiň üstüni atkeçe, attorba, at horjuny, boýunbag, gözlük, gursakça, güdri güpjek, derlik, eýerlik ýaly halydyr kilim, keçe önümleri bilen bezäp, onuň görküni has-da artdyrypdyrlar.

Çitilip dokalýan at esbaplary berkligi we owadanlygy bilen tapawutlanypdyr. Ussat senetçiler çitme usulynda dokalýan haly önümleriniň nepis bolmagyny gazanmak üçin onuň erşini inçe ýüpekden ýüwürdipdirler.

Adatça, altyn-kümüş şaý-sepler bilen haşamlanýan eýeriň aşagyndan galyň gyrkylyp dokalan gursakçany geýdiripdirler. Eýeriň üstünden bolsa inçeden syk dokalan eýerlik ýapylypdyr. Ýumşajyk dokalan derlik uzak aralykda çapylyp, derläp gelen ata geýdirilipdir, ol atyň heniz ýel çalmanka çalt guramagyna ýardam edipdir.

Bedew esbaplarynyň owadan görnüşleriniň biri at torbalar dokma senediniň kakma usulynda dokalypdyr. Dokma senediniň öýdüme görnüşinde dokalan at esbaplarynyň arasynda basyryk at ýapynjasynyň örän arzylanýandygy mälimdir. Basyrygyň iç ýüzüne ýuka hem-de ýumşak keçe tutulypdyr. Ýapynjany çapylýan atlar derledilenden soňra, ýel çalmazlygy üçin hemme ýerini ýapyp durar ýaly bedewiň üstüne atýarlar hem-de sowaşýança gezdirýärler. At esbaplarynyň arasynda at köýnekçäniň dürli öwüşginli sapaklardan nagyş salnyp, örän nepis dokalýandygyny hem bellemek



zerurdyr. Kilim önümleriniň bu görnüşi ýurdumyzyň ähli etraplarynda giňden ýaýrap, adatça, oňa «köýnekçe» nagşy öýdelýär. Bedewi amatsyz howa şertlerinden goramak üçin keçe ýapynjalar hem giňden peýdalanylypdyr. Atkeçäniň ähmiýeti barada Gahryman Arkadagymyz «Janly rowaýat» atly kitabynda şeýle ýazýar: «Atyň göwnejaý der çykarmagy üçin, sap ýüňden edilen dykyz atkeçe zerur bolupdyr, ol bolsa saryja goýnuň inçe ýüňünden egrilipdir». Görnüşi ýaly, atkeçe bir tarapdan, bedewi seýislemegiň täsin usulydyr, ikinji tarapdan, aty sagat saklamagyň tapylgysyz serişdesi bolup hyzmat edipdir. Saryja goýnuň saýlama ýüňünden taýýarlanýan atkeçäniň, juluň, basyrgynyň, halykdyr eýerligiň owadan seçekdir nagyşlar, gotazlar bilen bezelýändigini bellemelidiris.

Söweş günlerinde aty goramak üçin ýörite taýýarlanýan atkeçäniň bolandygy barada taryhy maglumatlar bar. Şeýle maksada hyzmat eden atkeçe bedewiň ýalyndan tä guýrugyna çenli ýapypdyr. Atyň guýrugyny okdan-urgudan goramak üçin bolsa ýörite keçe esbap taýýarlanypdyr.

Söweş atkeçeleri bedewiň ýörişine päsgel bermezligi üçin hem-de iki gapdalyny, arkasyny, boýnuny, döşüni we aýaklaryny örter ýaly, birnäçe böleklere bölünip tikilipdir, boýnundan, bilinden berk guşalypdyr. Ak ýüňden taýýarlanyp, onuň üstünden nagyşly ak mata çekilýän ýapynja «jul» diýilýär. Jul atyň üstüne, esasan, ýaz-güýz aýlarynda howanyň çigrek günleri gije, gyş aýlary bolsa gündiz hem ýapylypdyr.

Bütindünýä ykrarnamasyna eýe bolan ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmy esasda düýpli öwrenilýär we milli däpler inçeligi bilen dowam etdirilýär.

**Ogulnabat GULLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistri.*

# GADYMDAN GALAN NUSGALAR

Medeni miras halkymyzyň bahasyna ýetip bolmajak baýlygydyr. Zergärçilik senetçiligi şol baýlyklarymyzyň bir ülşüdir. Asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan bu sungat kämil milli mirasymyzdyr. Türkmen halkynyň zergärçilik önümleri diňe bir nepis sungat bolman, durmuş zerurlygy bolup, saglyga hem ýaramlydyr.

Türkmen zergärlerniň döreden şaý-bezegleri çeperçilik taýdan kämilligi, dürlüligi we mazmun taýdan köp öwüşginliligi bilen tapawutlanýar. Olaryň ýasalyşynda, nagyşlanyşynda, atlandyrylyşynda halkyň geçmişi, milli medeni aýratynlyklary, döredijilik ukyby öz beýanyny tapypdyr. Olaryň ýüzüne çekilýän nagyşlar, goýulýan gymmatly daşlar hem aýratyn many-mazmuna eýedir. Irki döwürlerden bäri türkmenler buýsanç bilen dakynýan şaýlarynyň bezeg bilen birlikde, saglygy berkitmek häsiýetine eýedigine hem ynanypdyrlar. Gorag şaýlarynyň aglaba bölegini, esasan, çagalar üçin niýetlenen şaý-bezegleriň dürli görnüşleri düzýär.

XIX-XX asyrlara degişli çaga şaýlary Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň hemişelik sergi zallarynda görkezilýär, gaznasynda aýawly saklanýar we ylmy taýdan öwrenilýär. Muzeýimizdäki şol çaga şaýlarynyň birnäçe görnüşleri barada durup geçmegi makul bildik.

Çagalara niýetlenen şaý-bezegler sadadan täsin, özboluşly we köp görnüşli bolup, olar, esasan, çaga başgaplaryna, çagalaryň eline, aýagyna, boýnuna, egnine dakylypdyr we kürtekçeleri bezäpdir. Şeýle şaýlar ýasalanda çagalaryň ýaş aýratynlygy göz öňünde tutulypdyr. Çagalaryň tahýadyr börüklerine ýylanbaşy, dogaçyr, tumarça, goçbuýnuz, guşdyrnak, bentli gözmonjuk ýaly şaýlary dakypdyrlar. Boýunlaryna, eginlerine, arkalaryna, döşlerine we aýaklaryna ok-ýaý, bäzbent, ilik-kilt, aýakbukaw, burma, düwme, sytara, dagdan ýaly şaýlary dakan bolsalar, geçmişde käbir sebitlerde ýaş oglanjyklaryň tahýalaryna gupba hem dakypdyrlar. Ýokarda agzalan şaýlar ýasalyş, nagyşlanyş usullary, atlary we sebit aýratynlyklary boýunça biri-birinden düýpgöter tapawutlanýarlar.

Burma kümüş simden işilip, towlanyp ýasalýan düwmeli bezeg bolup, oýnawaç hökmünde ýaňy aýak biten çaganyň injigine ýa-da goşaryna gaňyrçagyň halka ildirilmegi arkaly dakylýar. Onuň çaga elini ýa-da aýagyny hereketlendiren wagty jyňňyrdar ýaly birnäçe düwmejikleri bolýar. Ýöremegi ýaňy öwrenen çagajyk üçin onuň çykarýan sesi gyzykly bolýar. Bu şaýyň «burma» ady burlup ýasalyş usulyndan gelip çykandyr.

Çagalaryň aýagyna dakylýan şaýlaryň ýene bir görnüşi aýakbukawdyr. Ýasy kümüşden aýlaw görnüşinde ýasalan, hakyk we çüýşe gaşlar bilen bezelen, nagyşlyja bolýar. Onuň etegi düwmeli ýa-da şelpeli görnüşleri hem bolýar. Aýakbukawy, esasan, üç-bäş ýaşlaryndaky çaga dakypdyrlar.

Bäzbent jübüt ýasalyp çaga kürtekçesiniň, donunyň iki omzuna, arkasyna ýa-da döşüne dakylýan iki gat tegelek kümüş bezeg şaýydyr. Ol galkan şekilli, nagyşlaryna altyn çaýylan, merkezi ullakan hakyk daşyndan gaşly, gaşyň töweregi «üzülmez» nagşy bilen bezelen, iki gat gapyrjak görnüşli bolýar. Bäzbende, esasan, ösümlik dünýäsinden alnan nagyşlar «islimi»,«bugdaý», «çybyk» we «ýylanyzy» ýaly nagyşlar haşamlanýar.

Ok-ýaý iki-üç ýaşdan alty-sekiz ýaş aralygyndaky oglanjyklaryň kürtekçesiniň, donunyň arkasyna dakylýan ok-ýaý şekilli bezegdir. Ýerligi kümüşden bolup, ýüzüne altyn çaýylýar, hakyk gaşlary oturdylýar. «Epenek», «nerrek», «çybyk», «bugdaý», «kerkere», «aýgyzyl» ýaly nagyşlar bilen haşamlanýar. Onuň aşak tarapynda şelpeleri, düwmeleri, ýokarsynda kürtä, dona berkider ýaly iki-üç sany gulpjagazy bolýar. Bu şaýyň ady onuň şekiliniň okdur ýaýa meňzedilmegi esasynda goýlupdyr. Oňa ýurdumyzyň Günbatar sebitinde «peýkam» diýilýär.

Türkmenleriň arasynda giňden ýaýran çaga şaýlarynyň ýene biri guşdyrnakdyr. Bu şaýyň ýerligi kümüşden, ýüzüne altyn çaýylan, «üzülmez» nagşy bilen bezelen dörtburç görnüşli bolup, ýokary başy çar tarapa egrelip duran şaha meňzeşdir. Guşdyrnak çaga tahýasynyň, topbusynyň depesine dakylypdyr. Halk arasynda bu şaý goçak, şah atlary bilen hem bellidir.

Goçbuýnuz dörtburç gapyrjak şekilli, ýokarsy iki tarapa bakyp duran şah görnüşli, ýüzi hakyk gaşly, altyn çaýylan, aşagy düwmeli, iki gapdaly tahýa berkider ýaly gulply bezeg bolup, goçbuýnuz ady onuň şekiliniň goçuň şahyna meňzeşligi esasynda galypdyr.



Dagdan ýerligi iki gat kümüşden ýasalan, ýüzüne altyn çaýylan, pöwrize, hakyk gaşlar bilen bezelen şaý bolup, onuň kiçijik görnüşlerini alaja ýüpe düzüp, çagalaryň boýunlaryna dakýarlar. Dagdanyň ýokarsy «goçbuýnuz», «hüwi» görnüşli bolup, ýüzüne «epenek» etmek arkaly şahyň şekili we dürli çyzmykly nagyşlar salynýar.

Ussat zergärlerimiz çaga kürtekçesine niýetläp kürte gulak şaýyny ýasapdyrlar. Bu şaý kümüşden ýasalyp, ýüzüne altyn çaýylan, iki sany meňzeş bölekden bolup, ýokarsynda bir gulp, aşagynda birnäçe gulp kebşirlenip, olara halka arkaly zynjyrly şelpelerdir düwmeler birikdirilipdir. Kürte gulagyň ýüzüne hakyk, çüýşe gaşlar oturdylyp, töweregi «islimi», gyralary «ker-kere» nagyşlar bilen bezelipdir. Bu bezeg şaýy oglanjyklaryň kürtekçesiniň ganatyna dakypdyrlar. Kürte gulagy, esasan hem, ýurdumyzyň günorta sebitlerinde dakylýar. Günbatarly enelerimiz bolsa, «gerden dogajyk» bezeg şaýyny dakypdyrlar. Ol oglanlaryň üstki eşiginiň gerdenine dakylypdyr. Şaý kümüşden ýasalyp, ýüzüne altyn gatlak epenek etmek usulynda bezelipdir. Gerden dogajyk üçburçluk we tegelek şekilli plastinalara iki sany gulp kebşirlenip, biri-birine halkalar arkaly birikdirilipdir. Şaýyň ýüzi «nokat», «goçak», «islimi» nagyşlar bilen bezelipdir.

Şaýlaryň ählisi owadanlygy, nepisligi bilen häsiýetlenýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu medeni mirasymyzyň ýitip gitmezligi we ony geljek nesillerimize ýetirmek üçin uly işler amala aşyrylýar.

**Enegül BALLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň uly ylmy işgäri.*

## EDEBIÝAT

*Lew Tolstoý: «Anton Çehow durmuşyň deňsiz-taýsyz suratkeşidir».*

*«Edebiýat – dost-doganlyk köprüsi» atly bäsleşigimizde birinji orna mynasyp bolan hekaýa*

# WANÝAJYK

Üç aý mundan ozal ädikçi Alýahine şägirtlige berlen on ýaşlyja Wanýa Žukow Roždestwo agşamy ýatmady. Ussalar we hojaýyn agşamky ybadata gidenden soň, ol şkafyň içinden syýaly çüýşäni, ujy poslap giden syýa galamy çykardy. Soňra ýygyrt bolup giden kagyzy açyp ýazmaga başlady. Hatyny ýazyp başlamazdan öň, ol birki gezek gapa hem-de penjirä gorkuly nazaryny aýlady. Gözüniň gytagy bilen garaňkyda otagyň diwarlaryndaky köwüş galyplary ýerleşdirilen tekjelere-de seretdi. Onuň demi-demine ýetmedi. Kagyzyny oturgyçda goýup, özi bolsa dyzyna çöküp oturdy.

«Eziz atam, Konstantin Makaryç!» diýip ýazyp başlady: «Bu haty ýazmak bilen Sizi Roždestwoňyz bilen gutlaýaryn hem-de Taňrydan iň gowy zatlary dileg edýärin. Meniň ejemem ýok, kakamam, diňe sen, ýalňyz özüň galdyň».

Wanýa tümlükde nazaryny penjirä tarap aýlady. Penjiräniň aýnasyndan onuň şeminiň ýagtysy görünýärdi. Oglanjygyň göz öňünde Žiwarowlaryň garawuly bolup işleýän atasy janlandy. Ol agajet, hortaňlygyna garamazdan, örän galjaň, ýüzi hemişe gülüp duran, şadyýan gözli, altmyş bäş ýaşlaryndaky gartaşan adamdy. Ol gündiz aşhanada ýatardy. Arasynda bolsa şol ýerdäki aşpez gyzlar bilen degşip-gülşerdi. Agşamlaryna giň possunyny egnine atyp, eli jaňly jaýyň daşyndan aýlanardy. Yzynda-da itleri Wýun we garry köpek Kaştanka kellelerini sallaşyp tirkeşip gelýändirler. Adyny gara reňkine görä alan, tagaşyksyz uzyn Wýun adaty bolmadyk ýuwaş häsiýetlidi. Şol häsiýetiniň aňyrsynda bolsa it mekirligi ýatyrdy. Hiç bir it onuňky ýaly ýeser bukdaklap baryp aýagyňdan dişläp ýa-da buza dyrmaşyp, ýa bolmasa, gowrulan towugyňy ogurlap bilmeýärdi. Bu etmişleri üçin ol birnäçe gezek gaçyp barýarka yzky aýaklaryna depilipdi, birki gezek asylypdy, her hepdede bolsa hökman ýenjilýärdi. Her gezegem itjanlylygyny edip aýak üstüne galardy.

Atasy häzir ybadathananyň ýagty saçýan gapylaryna garap, tans edäýjek ýaly göwnühoş halda oba adamlary bilen degişýändir. Jaňjagazy-da biline daňylgydyr. Ol ellerini kelemenledip, sowukdan ýaňa ýygrylyp, özüniň garry gülküsini edip, hyzmatkär ýa-da aşpez zenanlar bilen bälçireşýändir.

Oba howasy ajaýypdy, asuda we arassady. Agşam garaňkylygyna garamazdan, bütin oba, turbalaryndan tüsse çykýan ak üçekli öýler, gyraw düşen kümüşsöw agaçlar, gar depeleri aýdyň görnerdi. Ýyldyzlardan doly asman, Akmaýanyň ýoly ap-ak gara ýuwlan ýaly, şeýlebir aýdyň ýagty saçardy...

Wanýa uludan demini alyp, galamyny syýa batyryp ýazmagyny dowam etdi: «Düýn bolsa maňa erbet gaharlandylar. Hojaýyn meni howla kowdy. Sebäbi olaryň çagajygyny sallançakda üwräp otyrkam, irkilip galypdyryn. Ondan bir hepde öň hojaýynyň aýaly maňa balyk arassalamagy buýurdy. Balygy guýrugyndan arassalap başlanym üçin bolsa, balygyň kellesi bilen ýüzüme urdy. Ussalar üstümden gülýärler. Hojaýyn azar baryny berýär. Hiç nahar bermeýärler. Irden çörek, öýlän şüle, agşam ýene çörek. Çaý ýa-da kelemlije çorbany bolsa özleri iýip-içýärler. Meniň ýatak ýerim samanhana, olaryň çagasy aglanda ýatman ony üwreýärin. Eziz atam, Hudaýyň haky üçin meni öýümize, oba alyp git, ysgyn-mydarym galmady... Söz berýärin, bütin ömrüme Hudaýdan adyňa ýagşy dilegler ederin, meni bu ýerden alyp git, ýogsam heläk bolaryn...».

Wanýa agzyny gyşardyp, çalaja hamsykdy, eli bilen gözüni süpürdi-de, ýazmagyny dowam etdi. «Men seniň köwşüňi süpürerin. Ýagşy dilegler ederin, eger bir zat bolsa temmi berseň hem çydaryn. Peýdam degmez diýip, pikir edýän bolsaň, Isanyň haky üçin men emeldaryň ädigini arassalaryn, ýa bolmasa, Fedýajygyň ýerine çoluk bolup meýdana giderin. Atam jan, gara günde galdym. Oba gaçyp barjakdym, emma ädigim ýok, aýazdan gorkdum. Ýanyňa alanyň üçin ulalamsoň seni ile mätäç etmerin, eger amanadyňy tabşyrsaň, ejem Pelageýa dileýşim ýaly, jaýyň jennet bolmagyny dileg ederin.

Moskwa uly şäher. Kaşaň-kaşaň jaýly, köçeleri-de atlardan doly, ýöne goýunlary ýok, itlerem ýarak däl. Bu ýerde oglanlar ýyldyzjykly gezmeýärler, hatda ybadathana horuna hem hiç kim goýberilmeýär. Bir gezek bir dükanyň penjiresinden seredenimde, tekjelerinde ýüpleri bilen bile satylýan dürli çeňňekleri gördüm. Olaryň hatda bir putluk lakga balygy tutup biljekleri-de bar eken. Et dükanlarynda tokaý towugy, toklutaý we towşan ýaly aw etleri satylýar. Emma satyjylar olaryň nirede awlanýandygyny aýtmaýarlar.




Eziz atam, haçan hojaýynlaryň arçasy bezelende, ondan maňa altyn reňkli hoz alyp ber-de, ýaşyl gapyrjakda gizle. «Olga Ignatýewna, bu Wanýajyk üçin» diýip aýt».

Wanýa titräp demini aldy-da, ýene penjirä garady. Atasynyň hojaýynlaryň arçasy üçin özüni hemişe ýany bilen tokaýa alyp gidýäni ýadyna düşdi. Gör, nähili şadyýan günlerdi! Atasy ýöränDE aýagynyň aşagynda gar gart-gart edip ses ederdi, muňa Wanýa hem goşulardy. Käwagtlar atasy arçany çapmazdan öň mazalyja üşän Wanýajygyň üstünden gülerdi... Gara bürelen kümüşsöw ýaş arçalaram misli «Haýsymyzy çaparkalar» diýip gymyldaman durandyrlar. Şol wagtyň özünde bir ýerlerden atylyp, towşan çykar... Atasy durup bilmän gygyrar:

– Tut, tut, tut ony! Içigar galmyş diýse!

Çapylan arça hojaýynyň öýüne eltilip, şol ýerde serenjam berlerdi. Wanýanyň iň eý görýän ynsany Olga Ignatýewna hemmelerden köp işlärdi. Bir wagtlar Wanýanyň ejesi Pelageýa diri wagty hojaýynlaryň öýünde hyzmatkär bolup işlärdi. Olga Ignatýewna Wanýa nabat alyp bererdi, boş wagtlary oňa okamagy, ýazmagy, ýüze çenli sanamagy, hatda kadril tansyny hem öwretdi. Ejesi Pelageýa aýrylanda, ýetim galan Wanýa aşhana – atasynyň, soňra bolsa göni ädikçi Alýahiniň ýanyna, Moskwa ugradyldy...

«Jan atam, haýyş edýärin, gel!» diýip, Wanýa dowam etdi: «Hudaýyň haky üçin ýalbarýaryn, meni bu ýerden alyp git. Ýetim halyma haýpyň gelsin, ýogsam meni hemmeler urýar. Öler ýaly garbanasym gelýär, ýüregimem şeýle bir gysýar welin, diňe aglap gezýärin. Arada hojaýyn kelläme köwüş galyby bilen şeýle bir urdy welin, ýykylyp, zordan özüme geldim. Gül ömrüm kül boldy, halyma itiň gözi agarjak... Alýona, gyşyk Ýegorka we paýtunça gyzgyn salamymy ýetir. Seniň agtygyň Iwan Žukow, jan atam, meni bu ýerden alyp git!».

Wanýa hat ýazan kagyzyny dört epläp, düýnjik bir köpüge satyn alan bukjasyna saldy... Biraz pikirlenenden soň galamyny syýa batyryp salgysyny ýazdy:

«Oba – atama».

Soňra kellesini gaşap ýene oýlandy-da, «Konstantin Makaryça» diýip, uzyna goşdy. Hat ýazmaga päsgel bermedikleri üçin örän şat bolan Wanýa possunyny hem geýmän, diňe ýyly başgabyny atyp daşary ylgap çykdy...

Düýn et dükanynyň satyjylaryndan soranda, olar hatlaryň poçta gutularyna atylýandygyny, şol ýerden bolsa jaňjagazly poçta paýtunlarynda bütin Ýer ýüzüne ýaýradylýandygyny aýtdylar. Wanýa iň ýakyndaky poçta gutusyna çenli ylgap baryp, gymmatly haty onuň gözünden oklap goýberdi...

Bir sagatdan soň süýji umytlaryna çümen Wanýa uka batypdy... Ol düýşünde peçjagazy gördi. Onuň üstünde atasy aýagyny sallap, aşpez aýallara haty okap berýärdi. Pejiň ýanynda Wýun guýrugyny bulaýlap, garysyny ýassanyp ýatyrdy...

*Rus dilinden terjime eden*
**Toýly BABAÝEW,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň talyby.*

## Paýhaslar

☑ Maksat goýmak – bu görünmeýän zady görünýän zada öwürmegiň ilkinji ädimidir.

***Toni Robbins.***

☑ Her bir adama ýaşamak üçin jaý gerek, ýöne şol jaýy hakyky «öý» edýän zat – birek-birege goldaw berýän maşgaladyr.

***Entoni Liççione.***

☑ Iň erbet duşmanyň seniň ýüzüňe aýdyp biljek ähli hakykaty – iň ýakyn dostlaryň seniň arkaňdan aýdýan sözleriniň ýanynda hiç zatdyr.

***Alferd de Müsse.***

☑ Şowsuzlyk – bu diňe täzeden, ýöne has akyllyrak başlamak üçin bir mümkinçilikdir.

***Genri Ford.***

☑ Ýeňijiniň dosty köpdür, ýeňleniň bolsa diňe hakyky dostlary ýanynda galýar.

***Nikolo Makiawelli.***

☑ Üstünlikli adam bolmaga däl-de, üstünligiň berýän gymmatlyklaryna eýe bolmaga çalşyň.

***Albert Eýnşteýn.***

☑ Eger sen dostuňa kyn gününde kömek eden bolsaň, ol ýene kynçylyga düşende seni hökman ýadyna salar.

***Artur Bloh.***

☑ Sen ýokary galanyňda dostlaryň seniň kimdigiňi bilerler. Sen aşak gaýdanyňda bolsa, sen dostlaryň kimdigini bilersiň.

***Maýk Taýson.***

☑ Eger saňa ikilik edilmegini islemeýän bolsaň, hiç haçan hiç kime syryňy ynanma.

***Halk pähimi.***

☑ Durmuş ýyllaryň sany bilen däl-de, şol ýyllaryň içindäki hakyky ýaşaýyş bilen ölçenýär.

***Abraam Linkoln.***

☑ Gursagyň bilen goran adamlaryň köplenç arkaňdan urýarlar.

***Omar Haýýam.***

☑ Eger ony aňyňyzda kabul etmeseňiz, ýeňliş – ýeňliş däldir.

***Brýus Li.***

☑ Eger kenary gözden ýitirmäge gorksaňyz, ummany hiç haçan aşyp bilmersiňiz.

***Hristofor Kolumb.***

☑ Şowsuzlyklardan gorkmaň, çünki olar siziň üstünlige barýan ýoluňyzdyr.

***Lebron Jeýms.***

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Pilotsyz ýük gämisi işlenip düzüldi.** Amerikanyň deňiz robototehnikasy ulgamynda



ýöriteleşen «Clippership» kompaniýasy ýeliň güýji bilen hereket edýän, uzynlygy 24 metre barabar adaty bolmadyk pilotsyz ýük gämisini işläp düzdi. Bu gäminiň uglerod kompozitinden ýasalan iki sany eplenýän gaty ganatynyň adaty mata ýelkenden iki esse berkdigi habar berilýär.

**Robotlary işe taýýarlaýan mekdep.** Hytaýda adamsypat robotlary zawodlardaky işlerden başlap, öýde we jemgyýetçilik ýerlerinde kömek bermäge çenli giň gerimli wezipelere taýýarlamaga niýetlenen täze hem-de adatdan daşary mekdep açyldy.



Pekiniň adamsypat robotlary okatmak merkezi Pekiniň Şiszinşan etrabynda ýerleşýär. Iki gatdan ybarat bolan bu toplumda hakyky önümçilik we ýaşaýyş şertleri gaýtadan janlandyrylýar.

**Iň gowy ugur diýlip ykrar edildi.** ABŞ-nyň «TripAdvisor» syýahatçylyk kompaniýasy özbaşdak syýahat etmek üçin iň gowy ugurlaryň sanawyny hödürledi.



Jemi 25 sany ýer bolan sanawda birinji orny Irlandiýanyň paýtagty Dublin eýeledi. Ikinji orny Berlin, üçünji orny bolsa, London jemledi. Şeýle hem, ilkinji onluga Santýago, Edinburg, Nýu-Ýork, Hanoý, Madrid, Bali we Keýptaun ýaly şäherler girdi.

**Dünýä rekordyny goýdy.** Portugal saksafonçysy Elwis Nunes Souza saksafon çalmagyň dowamlylygy boýunça dünýä rekordyny täzeledi.



Bu barada Ginnesiň rekordlar kitabynyň saýtynda habar berilýär. Sazanda Madeýranyň häzirki zaman sungaty muzeýinde 33 sagatlap saz çaldy. Onuň repertuarynda 73 sany saz eseri bardy. Elwis her 4 sagatdan az-kem dynç aldy.

**Hytaý rekordy täzeledi.** Hytaýyň polat önümçiligi senagaty geçen ýyly absalýut rekord bilen tamamlady.



Dekabr aýynda Hytaýda polat eksporty 11,3 million tonna çenli ýokarlanyp, 2015-nji ýyldaky taryhy rekordy täzeledi. Ýyllyk eksportyň göwrümi 7,5% artyp, görlüp-eşidilmedik sepgide – 119 million tonna ýetdi. Şonuň bilen birlikde, polat önümçiligi üçin çig mal bolan demir magdanynyň importy hem rekord goýdy – 1,26 milliard tonna (ýyllyk +1,8%).

**60-dan gowrak täze ýol belgisi.** Şu ýylyň dowamynda Russiýanyň ýollarynda



«GOST R 52290-2024» ölçeglerine laýyklykda, 60-dan gowrak täze ýol belgisi we goşmaça maglumat tabliçkalary peýda bolar. Olaryň köpüsi eýýäm synagdan geçirilip, ulanylyp başlandy. Şeýle-de şu ýyl Russiýada has döwrebap we kämilleşdirilen ýol belgiler ulgamynyň giriziljekdigi, onuň ulaglaryň täze görnüşlerine hem gönükdiriljekdigi habar berilýär.

**Kagyz ýaly Gün batareýasy.** Hytaýly inženerler kagyz ýaly ýuka, emma çeýe fotoelektrik panelini oýlap tapdylar. Ol kristally kremniniň we perowskitiň iň ýuka gatlaklaryndan ybaratdyr. Fotoelektrik element adaty materiallary özünde jemleýär, ýöne muňa garamazdan, onuň her bir gaty Gün şöhlesiniň belli bir tolkunlaryny tutýar. Netijede, täze batareýa Gün şöhlesini has köp mukdarda özüne siňdirýär we ýagtylygy has netijeli usulda elektrik energiýasyna öwürýär.



## Parlament saýlawlary geçiriler

12-nji aprelde Wengriýada parlament saýlawlary geçiriler. Bu barada Wengriýanyň Prezidenti Tamaş Şuýok mälim etdi.

– Men Konstitusiýanyň we saýlaw kanunynyň düzgünlerine laýyklykda, Wengriýanyň Döwlet ýygnagynyň (bir palataly parlament) deputatlarynyň saýlawlaryny geçirmek barada karar kabul etdim. Ses berişlik 2026-njy ýylyň 12-nji aprelinde ýekşenbe güni geçiriler. Erkin saýlaw hukugy demokratiýanyň esasy ýörelgeleriniň biridir. Men hemmeleri bu hukukdan peýdalanmaga çagyrýaryn – diýlip, Prezidentiň metbugat gullugy tarapyndan ýaýradylan beýanatda bellenilýär.

Häzirki wagtda Wengriýadaky saýlaw kampaniýasy özüniň jemleýji tapgyryna gadam basýar. Premýer-ministr Wiktor Orbanyň ýolbaşçylygyndaky dolandyryjy «FIDES – Wengriýa raýat bileleşigi» partiýasy we onuň hyzmatdaşy bolan hristian demokratlar «Tisa» partiýasy bilen özara bäsleşýärler. Bu partiýanyň lideri Ýewropa Bileleşiginiň ýolbaşçylary tarapyndan goldanylýan hökümetiň öňki wezipeli resmi wekili Peter Madýardyr. «Tisa» sosialistleriň we Demokratik koalisiýanyň saýlawçylaryny öz tarapyna çekmegi başardy, emma Madýar «ne çepçi, ne-de sagçydygyny» aýdyp, özüni sentrist hökmünde görkezýär.

2022-nji ýyldaky öňki saýlawlarda FIDES hristian demokratlar bilen bilelikde parlamentde 199 orundan 135-sini alypdy, bu bolsa Orbana Premýer-ministr wezipesini ýene dört ýyllap saklamaga mümkinçilik berdi. Ol 2010-njy ýyldan bäri bu wezipäni eýeleýär. Orban 1998–2002-nji ýyllarda hem Premýer-ministr bolupdy. Umumylykda, ol islendik beýleki ýewropaly syýasatçydan has uzak wagt bäri häkimiýet başyndadyr. 10-njy ýanwarda FIDES-iň gurultaýy



ony öňümizdäki saýlawlarda ýene-de hökümet baştutanlygyna dalaşgär hökmünde saýlady.

Pikir soralyşyklara görä, häzirki wagtda FIDES «Tisadan» has meşhur, Orban bolsa Premýer-ministr wezipesine Madýardan has laýyk dalaşgär hasaplanýar. Emma syýasaty öwrenijiler saýlawlaryň netijeleriniň köp babatda partiýalaryň öz tarapdarlaryny näderejede işjeňleşdirip biljekdigine we aprelde ses bermäge gelmäge näderejede ynandyryp biljekdigine bagly boljakdygyny duýdurýarlar.

## Güýçli pasportlaryň sanawy düzüldi

2026-njy ýylda dünýäniň iň täsirli pasportlary hökmünde Singapur, Ýaponiýa we Koreýa Respublikasynyň şahsyýetnamalary ykrar edildi. Bu barada Beýik Britaniýanyň raýatlyk we ýaşaýyş meseleleri boýunça ýöriteleşen «Henley & Partners» konsalting kompaniýasynyň täze sanawynda bellenilýär.

Sanawda birinji orny eýelän Singapuryň raýatlarynyň indeksde görkezilen 227 sany ýurduň we çäkleriň 192-sine wizasyz girmäge hukugy bar. Ikinji orny bolsa 188 ýurda wizasyz girip bilýän Ýaponiýa we Koreýa Respublikasy paýlaşýar.

Üçünji orunda bäş sany Ýewropa ýurdy ýerleşýär: Daniýa, Lýuksemburg, Ispaniýa, Şwesiýa we Şweýsariýa. Bu döwletleriň raýatlary 186 ýurda wizasyz syýahat edip bilýärler.

Dördünji orny raýatlary 185 ýurda wizasyz girip bilýän Awstriýa, Belgiýa, Finlýandiýa, Fransiýa, Germaniýa, Gresiýa, Irlandiýa, Italiýa, Niderlandlar we Norwegiýa eýeleýär. Bäşinji orny bolsa Wengriýa, Portugaliýa, Slowakiýa, Sloweniýa we Birleşen Arap Emirlikleri paýlaşýar (184 ýurt).

Altynjy orunda Horwatiýa, Çehiýa, Estoniýa, Malta, Täze Zelandiýa we Polşa ýerleşýär. Awstraliýa bolsa, Latwiýa, Lihtenşteýn hem-de Beýik Britaniýa bilen ýedinji orna şärikdeş boldy.

Reýtingiň 20 ýyllyk taryhynda iň uly ösüşi Birleşen Arap Emirlikleri görkezdi. Bu ýurt 2006-njy ýyldan bäri 149 döwlet bilen wizasyz düzgün barada ylalaşyp, sanawda 57 basgançak ýokary galdy.




Hasabatda bellenilişi ýaly, bu üstünlik BAE-niň işjeň diplomatik gatnaşyklary we wiza syýasatyny ýeňilleşdirmegi netijesinde gazanyldy.

2025-nji ýylda öz ornuny iň köp ýitiren ýurt Beýik Britaniýa boldy. Ol soňky 1 ýylyň içinde sekiz ýurt bilen wizasyz düzgünini ýatyrdy.



## Syýahat etmek üçin iň gowy ugurlar

«The New York Times» gazeti her ýyl bolşy ýaly, 2026-njy ýyl üçin iň täsirli syýahatçylyk ugurlarynyň sanawyny düzdi. 2026-njy ýylyň sanawyna syýahatçylaryň arasynda uly meşhurlyga eýe boljak 52 sany ýurt we şäher girizildi. Sanawyň başynda ABŞ, Warşawa we Bangkok ýaly ýerler durýar. Ilkinji onluga Kosta-Rika, Hindistan we Norwegiýa ýaly ýurtlar girdi.

ABŞ ýurduň esaslandyrylmagynyň 250 ýyllygy mynasybetli sanawda birinji orny eýeledi. Bu şanly sene mynasybetli ýurtda köp sanly sergiler, futbol boýunça dünýä çempionatynyň oýunlary we Waşingtonda Garaşsyzlyk güni mynasybetli guraljak ägirt uly konsert ýaly çäreler geçiriler.

Ikinji orny Polşanyň paýtagty Warşawa eýeledi. Muňa şäherdäki Medeniýet köşgünde täze döwrebap sungat muzeýiniň açylmagy we «TR Warszawa» teatrynda görkezilýän oýunlar itergi berdi.

Ilkinji üçlügi Bangkok jemleýär. Bu şäher özüniň ajaýyp baglary, döwrebap sungat merkezi we täze keşbe giren taryhy Wat Çaýwatthanaram ybadathana toplumy bilen syýahatçylary özüne çekýär.

Sanawa Kosta-Rikadaky Osa ýarym adasy, Hindistandaky «Bandhawgarh» goraghanasy we dünýä çempionatynyň oýunlarynyň geçiriljek Dallas şäheri hem girizildi. Beýleki gyzykly ugurlaryň arasynda Alžiriň Oran şäheri we 100 ýyllygy bellenilýän ABŞ-nyň meşhur «Trassa 66» (Route 66) ýoly bar.

Žurnal syýahatçylara Arizonadaky «Sidewinder» künjegine, Oklahomadaky «Gök kit» installýasiýasyna we Nýu-Meksikodaky taryhy «El Rancho» myhmanhanasyna baryp görmegi maslahat berýär.

Syýahatçylar üçin beýleki özüne çekiji ýerleriň arasynda Karib deňzindäki Saba adasy, Barselonanyň Poblenou kwartaly, Nepalyň dag ýodalary, Germaniýadaky Baýroýt opera festiwaly we Kanadanyň uçut daglarynyň (Rocky Mountains) eteklerine otluly syýahat bar.

Şeýle-de, sanawa Awstraliýanyň Top-End sebiti, Malaýziýanyň Penang adasy, Ýaponiýanyň Nagasaki şäheri, Italiýanyň Çerwiniýa daglyža şypahanasy, Çiliniň Frouard burny, Seýşel adalary, Norwegiýanyň Trena adalary, Melburn, Ermenistan, Islandiýa we Wýetnam girizildi.

## BIRINJI TAPGYRY TAMAMLANDY

18-nji ýanwarda Portugaliýada geçirilen Prezident saýlawlary ýurduň syýasy taryhynda uly gyzyklanma döretdi. Döwletiň iň ýokary wezipesi ugrunda rekord derejede 11 dalaşgär bäsleşdi.



Birinji tapgyryň netijelerine görä, sesleriň 30 göteriminden gowragyny alan çepçi-merkezçi Sosialistik partiýasynyň wekili Antoniu Žoze Seguru öňe saýlandy. Garaşylmadyk netije bolsa, aşa sagçy «Şega» (Chega) partiýasynyň lideri Andre Wenturanyň sesleriň köpüsini alyp, ikinji orny eýelemegi boldy.

Ýurtda dalaşgärleriň Prezidentlige saýlanmak üçin sesleriň 50 göterimden gowragyny almandygy sebäpli, 8-nji fewralda saýlawlaryň ikinji tapgyry geçiriler. Onda iň köp ses alan dalaşgärler – Seguru we Wentura özara bäsleşer. Belläp geçmeli zat, Portugaliýada iň soňky gezek şeýle ýagdaý 1986-njy ýylda bolupdy.

Täze saýlanjak Baştutan Konstitusiýa laýyklykda, iki möhletini tamamlan Marselu Rebelu de Souzanyň ornuna geçer. Portugaliýanyň syýasy ulgamynda Prezident parlamentiň işini ýatyrmak we kanunlara weto goýmak ýaly strategik ygtyýarlyklara eýedir.

## Dawos forumy öz işini jemleýär

Şweýsariýanyň dag şypahanaly Dawos şäherinde 19-njy ýanwarda işine başlan 56-njy Bütindünýä ykdysady forumy (WEF) şu gün — 23-nji ýanwarda öz işini tamamlaýar. Sammitiň bu ýylky «Dialog ruhy» diýen şygary dünýäniň syýasy hem-de ykdysady ýolbaşçylaryny bir ýere jemledi.

Dünýäniň 130-dan gowrak ýurdundan 3 müňe golaý wekiliýetiň gatnaşmagynda geçirilen forumda global derejedäki iň wajyp meseleler jikme-jik seljerildi. Maslahatyň çäginde 65 döwlet we hökümet Baştutany, şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy maliýe edaralarynyň ýolbaşçylary ykdysadyýetiň geljegi barada pikir alyşdylar.

Forumyň gün tertibinde diňe bir ykdysadyýet däl, eýsem, global durnuklylyga täsir edýän möhüm ugurlara aýratyn üns berildi. Geosyýasy durnuksyzlygyň dünýäniň azyk howpsuzlygyna we energiýa üpjünçiligine ýetirýän täsirleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Emeli aňyň önümçilige ornaşdyrylmagy, täze iş orunlarynyň döredilmegi we bu ugurdaky kiber howpsuzlyk töwekgelçilikleri sammitiň esasy mowzugy boldy.

Şeýle-de, «ýaşyl» ykdysadyýete geçiş döwründe ösüp barýan ýurtlaryň maddy taýdan goldanylmagy we howanyň üýtgemegine garşy bilelikde göreşmek baradaky meseleler ileri tutuldy.

Sammitiň iň täsirli pursatlarynyň biri, ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň ýolbaşçylygyndaky




wekiliýetiň gatnaşmagy boldy. Wekiliýetiň düzüminde Döwlet sekretary Marko Rubio we maliýe ministri Skott Bessent ýaly täsirli şahsyýetler bar.

Şeýle hem forumda Hytaýyň Döwlet geňeşiniň wise-premýeri He Lifen, Germaniýanyň Kansleri Fridrih Mers, Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron we Argentinanyň lideri Hawýer Mileý ýaly dünýä syýasatynyň öňdebaryjy wekilleri çykyş etdiler.

## Bütindünýä hökümet sammiti geçiriler

Dubaýda 3-5-nji fewral aralygynda geçiriljek sammitde emeli aň tehnologiýalarynyň ösüşi, howanyň üýtgemegi we ykdysady näbellilikler ara alnyp maslahatlaşylar. 2026-njy ýyldaky sammite 35 sany döwlet we hökümet Baştutanynyň, 150-den gowrak hökümet wekiliýetiniň we 6 müňden gowrak myhmanyň gatnaşmagyna garaşylýar. Bütindünýä hökümet sammitiniň (WGS) guramaçylary 2026-njy ýylyň çäräniň taryhynda iň uly maksatnamaly ýyl boljakdygyny mälim etdiler. Duşuşyk «Gelejegiň hökümetlerini kemala getirmek» şygary astynda geçiriler.

Sammitiň çäklerinde emeli aň, bilim, mobillik (hereketlilik), durnuklylyk we ykdysady durnuklylyk boýunça birnäçe ýokary derejeli forumlar geçiriler. Şeýle hem, bu çärede ilkinji gezek dünýäniň iň abraýly şahsyýetleriniň sammiti geçiriler, onda Nobel baýragynyň eýeleri we öňdebaryjy alymlar esasy syýasy maslahatlara gatnaşmak üçin bir ýere jemlener.

Guramaçylaryň sözlerine görä, sammitiň esasy maksady diňe bir gürrüňler bilen çäklenmän, eýsem, global ulgamlaryň dartgynly ýagdaýda duran pursatynda syýasy işgärleriň we liderleriň bir ýere jemlenip biljek platformasyny döretmekdir.

BAE-niň Ministrler Kabinetiniň işleri baradaky ministri we WGS-niň başlygy Muhammet Al Gergawi bu forumyň ähmiýeti barada durup geçip: – Birleşen



Arap Emirliklerinde guraljak bu sammit global ýagdaýlary seljerip, amaly çözgütleriň, täze pikirleriň we netijeli hyzmatdaşlyklaryň kemala gelýän esasy dünýä platformasyna öwrülmek baradaky ýolbaşçylaryň garaýyşlaryna esaslanýar – diýip belledi.

Bütindünýä hökümet sammiti 2013-nji ýyldan bäri her ýyl geçirilip gelinýär.

## Howa menziliniň gurluşygyna başlandy

Efiopiýanyň Bişoftu şäherinde täze Halkara howa menziliniň gurluşygyna badalga berildi. Taslamanyň düýbüni tutmak dabarasyna ýurduň Premýer-ministri Abiý Ahmed gatnaşdy. Ol öz çykyşynda bu taslamanyň Afrikanyň awiasiýa infrastrukturasynyň taryhynda iň iri desga boljakdygyny belledi.

Premýer-ministriň aýtmagyna görä, täze howa menzili Efiopiýanyň awiasiýa pudagyny düýpli özgerder we ýurduň yklymyň öňdebaryjy howa merkezleriniň biri hökmündäki ornuny berkider. Bu gurluşygyň zerurlygy Addis-Abebadaky halkara howa menziliniň ýylda 25 million ýolagça ýetendigi bilen düşündirilýär.

Bişoftu howa menzili paýtagtdan, takmynan, 45 kilometr günorta-gündogarda ýerleşer we dört sany uçuş-gonuş zolagy bilen enjamlaşdyrylar. Desganyň geçirijilik ukyby birinji tapgyrda ýylda 60 million ýolagça barabar bolar, gurluşyk doly tamamlanandan soň bolsa bu görkeziji 110 milliona çykarylar. Bu bolsa desgany Afrikanyň iň uly howa menziline öwrer.

Taslamanyň umumy bahasy 10 milliard amerikan dollaryna deň bolup, munuň 2 milliard dollara golaýyny «Ethiopian Airlines» awiakompaniýasy, galan bölegini bolsa karz berijiler üpjün eder. Täze howa menzili «Ethiopian Airlines» kompaniýasynyň dünýä derejesindäki gatnaw ulgamynyň giňelmegine we ýurtda awiasiýanyň ösmegine uly itergi berer.




## TARYHDA ŞU GÜN

**Antarktida ilkinji gezek adam aýagynyň basylmagy 1895-nji ýylyň 23-nji ýanwarynda bolup geçýär. Şol gün norwegiýaly Karsten Borhgrewink we kapitan Kristensen buzly yklymyň kenaryna düşüp, polýar şapagyny öz gözi bilen gören ilkinji adamlar boldular. Bu taryhy ädimden 75 ýyl ozal, 1820-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda, rus deňizçileri F. Bellinsgauzen we M. Lazarew yklymyň kenarlaryna baryp, XIX asyryň iň uly açyşyny edipdiler.**



## IŇ KÖP OKALAN MAKALALAR

**«Wikipedia» internet ensiklopediýasynyň operatory bolan «Wikimedia Foundation» portal döredilen gününden bäri iň köp okalan makalalaryň sanawyny düzdi. Bu barada «Popular Science» žurnaly habar berýär.**

**«Wikipedia» ulanyjylarynyň iň köp okan makalasy «Ýyl boýunça aradan çykanlaryň sanawy» (List of deaths by year) boldy. Bu makala 647 million gezekden gowrak görlüpdir. Ikinji orunda ABŞ baradaky makala (328 milliondan gowrak görlüş), üçünji orunda bolsa amerikan lideri Donald Tramp baradaky maglumatlar (325 milliondan gowrak görlüş) ýerleşýär. Dördünji we bäşinji orunlary 1952-nji ýyldan 2022-nji ýyla çenli tagtda oturan Beýik Britaniýanyň Şa zenany Ýelizaweta II baradaky makala we Hindistan baradaky maglumatlar eýeleýär.**

**Iň meşhur on gözleg soragynyň arasyna portugaliýaly futbolçy Kristiano Ronaldo, ABŞ-nyň 44-nji Prezidenti Barak Obama, amerikan telekeçisi Ilon Mask, Ikinji jahan urşy we Birleşen Patyşalyk baradaky makalalar girdi.**

**«Wikipedia» 2001-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda işe girizildi. Ensiklopediýada 300-den gowrak dilde ýazylan 65 million töweregi makala bar. Ol her aýda ulanyjylar tarapyndan 15 milliard gezekden gowrak görülýär.**



# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY ÝAPYK LYŽA MEÝDANÇASY

Adamlaryň aglaba böleginde howanyň yssy günlerinde gyş tebigatynda dynç almak, gezelenç etmek, konkide ýa-da lyžaly typmak ýaly meýiller döreýär. Munuň üçin bolsa, adatça buzly köşge ýa-da lyža meýdançalaryna gidilýär. Dünýäniň syýahatçylyk pudagynda ösen ýurtlaryň biri bolan Hytaýda geçen ýyl täsin taslama amala aşyryldy. 2025-nji ýylyň sentýabr aýynda Şençžen şäherinde «Huafa gar dünýäsi» (Qianhai Snow World) açylyp ulanmaga berildi. 100 müň inedördül metr meýdany eýeleýän bu toplum dünýädäki iň uly ýapyk lyža meýdançasy hasaplanýar. Göwrümi 11 futbol meýdançasyna barabar bolan gar dünýäsinde typylýan birnäçe ýodalar, oýun meýdançalary, gyşky söwda merkezleri we myhmanhana bar. Şençžen şäheriniň subtropik howasyna laýyklykda gurlan bu bina ösen sowadyjy ulgamy we emeli gar ýasamak tehnologiýasy bilen üpjün edilipdir. Gyşky sport görnüşleri bilen meşgullanýanlaryň türgenleşik meýdançasyna öwrülen «Huafa gar dünýäsinde» 440 metrden gowrak uzynlykdaky, 83 metr beýiklikden aşak inýän professional lyža meýdançasynyň 5-si, halkara ýaryşlara niýetlenen gar ýodalary we howuz bar. Bu topluma açylan gününden bäri 1 milliondan gowrak adam barypdyr. Baýramçylyk günleri «Huafa gar dünýäsine» barýan myhmanlaryň sany 10 müňe golaýlaýar. 40 müň tonnadan gowrak polat gurnamadan gurlan sowuk toplumy dolulygyna aýlanmak üçin 6-7 sagat gerek bolýar.







Hytaýda lyža bilen meşgullanmak ýörgünli bolup, tebigy garyň az ýagýan sebitinde ýaşlary özüne çekýär. Indi hytaýly lyžaçylar daga ýa-da sowuk ýurtlara gitmezden, Şençžen şäherinde gyşky sport görnüşleri bilen meşgullanyp bilýärler. Şençžen şäherinde howanyň ortaça temperaturasy 22 derejede bolup, «Huafa gar dünýäsine» barmak üçin gitdigiçe sowaýan 6 gapydan geçmeli bolýar.

**Dünýäniň iň uly ýapyk lyža meýdançasyna hoş geldiňiz!**

# Gyşky sport görnüşleriniň SAGLYGA PEÝDASY



**Gyş aýlarynda öýde köp wagtyň geçirilmegi oturymly durmuş ýörelgesine getirip, saglyga öz täsirini ýetirýär. Howanyň sowuk günlerinde arassa howada gezelenç etmek, fitnes merkezlerine we lyža meýdançalaryna gitmek saglyk üçin ähmiýetlidir. Lyža, buzda typmak we snoubord ýaly gyşky sport görnüşleri fiziki işjeňligi ýokarlandyryp, wagtyňy gyzykly hem-de peýdaly geçirmäge mümkinçilik berýär.**

**Buzda typmak.** Estetikany we çylşyrymly hereketleri özünde jemleýän buzda typmak sporty konkide ýerine ýetirilýär. Buzda typmak dürli öwrümleri, böküşleri we akrobatik maşklary öz içine alýar. Figuralaýyn typmak ýa-da buzda hokkeý oýnamak sporty bilen meşgullanmak arkaly saglygyňy berkidip bolýar.

**Snoubord.** Aýlawly uzyn tagta bilen ýerine ýetirilýän sportuň bu görnüşi sowuk ýurtlarda has meşhurdyr. Erkin hereketlere we uly tizlikdäki başdan geçirmelere baý bolan sportuň bu görnüşi saglygyňy berkitmek bilen bir hatarda, dag tebigatynyň gözelligini synlamaga mümkinçilik berýär.

**Kaýak.** Kanoe gaýygyna meňzeş enjamda garda typmak iň gyzykly güýmenjeleriň biri hasaplanýar. Tehniki ussatlygy we çeýeligi talap edýän sportuň bu görnüşi, esasan, Alp daglarynda ýerine ýetirilýär.

**Sanili typmak.** Gorag başgaby we ýörite egin-eşik geýlip ýerine ýetirilýän gyşky sportuň bu görnüşi beýik gar depesinden aşaklygyna typmak arkaly ýerine ýetirilýär. Deňagramly hereketi talap edýän sanili typmak köpleriň halaýan güýmenjesidir.

Bulardan başga-da, gyşky sportuň dag lyžasy, kross lyžasy, lyžada bökmek we Skandinawiýa kombinasiýasy, biatlon, bobsleý, körling ýaly görnüşleri iň meşhur güýmenjeler hasaplanýar.

Gyşky sport görnüşleri myşsalaryň çydamlylygyny we güýjüni artdyrýar. Şeýle hem dem alşy gowulandyrýar we ýürek-damar ulgamyna ýeterlik derejede kislorod barmagyny üpjün edýär. Gyşky sport görnüşleri bilen meşgullanmak ýürek-damar keselleriniň töwekgelçiliginiň öňüni almaga ýardam edýär. Sowuk howada sport bilen meşgullanmak stresi azaldyp, bedeniň alyş-çalşygyny işjeňleşdirýär. Işdäsizlik bilen bagly meseleleri aradan aýryp, adamyň özüni rahat we has gowy duýmagyna itergi berýär. Şeýle hem gan aýlanyşyny çaltlandyryp, kesel dörediji bakteriýalaryň we mikroorganizmleriň howa ýollary arkaly çykmagyna kömek edýär.

**Sowuk howada daşary çykylanda ýa-da sport bilen meşgullanylanda pasla görä geýinmegi ýatdan çykarmaň!**

Tebigy täsinlik



# BENAGIL DEŇIZ GOWAGY

**Portugaliýanyň günorta kenarynda ýerleşýän Benagil deňiz gowagy dünýäniň täsin ýerleriniň biri hasaplanýar. Ýokarsyndan Gün şöhlesi düşýän göz şekilli gowak gümmez ýaly dik gaýalary, çägeli owadan kenary we pöwrize reňkli kenarýaka suwy bilen tapawutlanýar. Bu ýere gaýykly baryp bolýar. Benagil obasynyň golaýyndaky bu täsinlik XX asyrda syýahatçylyk merkezine öwrülýär. Portugaliýanyň iň meşhur we iň gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan deňiz gowagy ýyllaryň dowamynda deňiz suwunyň hek daşlaryna täsir etmegi netijesinde emele gelipdir. Häzirki wagtda hem deňiz suwy tebigy peýzažy üýtgedýär. Öň balykçylaryň kenary bolan bu ýer port hökmünde ulanylypdyr. Ýerli halk deňiz kenarynda balyk söwdasyny edipdir.**



**Benagil deňiz gowagyny ýokarsyndan we aşakda deňiz kenaryndan synlap bolýar. Iki sany «giriş gapysy» bolan bu gowagyň ýokarsynda ullakan deşik bar. Gowagyň depesinde 11 kilometr uzynlykdaky «7 asma jülge» atly meşhur pyýada ýoly bar. Syýahatçylar bu ýolda gezelenç edip, deňiz kenaryny we gowagyň gözelligini ýakyndan synlap bilýärler. Ýaz we güýz aýlary deňiz gowagyna gezelenç etmek üçin iň gowy möwsümdir. Bu ýerde deňiz kenarynda dynç almak bilen bir hatarda, Güne garalmak, ýüzmek, gaýykly gezelenç etmek ýaly güýmenjeler hödürlenýär. Gowagyň abat saklanmagy we geljek nesillere ýetirilmegi göz öňünde tutulyp, gezelenç etmek üçin 20 minut wagt berilýär. Gowakda iýip-içmek, gygyrmak ýa-da gaýa dyrmaşmak gadagan edilýär. Gowagy uzak wagt synlamak isleýän syýahatçylar «Praýa da Marina» deňiz kenarynda galyp bilýärler. Benagil deňiz gowagyna barýan syýahatçylar deňiz jandarlaryny we delfinleriň «tansyny» ýakyndan synlap bilýärler.**



## Dümewden soň iýilmeli iýmitler



**Gyş paslynda adamlar dümew alamatlary bilen ýygy-ýygydan duş bolýarlar. Dümewden soň wirusyň gaýtadan dikelmezligi üçin immuniteti güýçlendirmeli, bedeni zerur bolan witaminler bilen üpjün etmeli. Bilermenler dümewden soň düzüminde has köp witamin, mineral we antioksidant saklaýan iýmitleri iýmegi maslahat berýärler.**

**Nar** antioksidant güýje eýe bolan iň gowy miweleriň biri bolup, düzümindäki polifenollar öýjükleriň zeperlenmegini azaldýar. Şeýle hem, öýjükleriň çişme alamatlarynyň döremeginiň öňüni alýar. Nary dänesi iýmek oňaýly bolmasa, şiresini içip ýa-da işdäaçara goşup iýip bilersiňiz.

Sitruslar maşgalasyndan bolan **limon, apelsin we mandarin** ýaly miweler C witamininiň çeşmesi hasaplanýar. Sitrus miweleri erkin radikallara garşy göreşip, immuniteti güýçlendirýär. Mundan başga-da, naryňç reňkli miweleriň düzümindäki gesperedin we apigenin ýaly flawonoidler beýnini goraýar we nerw bozulmalarynyň öňüni alýar. Her gün 1 apelsin iýmek we işdäaçara limonyň suwuny goşmak bilen, bedeniň C witamine bolan zerurlygyny kanagatlandyryp bolýar.

**Ýumurtga** ýokary hilli belogy we aminokislotalary özünde jemleýän iýmit bolup, dümewden soň öýjükleriň zeperlenmeginiň öňüni alýar. Bu iýmiti ertirlik naharynda gaýnadyp iýmek has peýdaly hasaplanýar.

**Balyk** belogyň esasy çeşmesi bolup, immuniteti güýçlendirýär. Hepdede bir gezek balyk iýmek insult we ýüregagyry töwekgelçiligini azaldýar. Gaýnadylýandygyna, gowrulýandygyna ýa-da közde bişirilýändigine garamazdan, ýagly balyk iýmek has peýdaly hasaplanýar.

**Brokkoli** gök önümleriň arasynda witaminlere iň baý hasaplanýar. C, K witaminini, bioaktiw birleşmeleri özünde jemleýän kelemiň bu görnüşi immuniteti güýçlendirip, çişme howpuny azaldýar. Şeýle hem düzümindäki süýüm birleşmeleri ýürek-damar ulgamyny gorap, iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýär.

**Käşiriň** düzümindäki beta-karotin atly antioksidantlar immuniteti güýçlendirýär. Mundan başga-da, käşirde saklanýan A, K witamini we kaliý gan aýlanyşyny kadalaşdyrýar. Her gün 1-2 käşir iýmek görşüň gowulanmagyna ýardam edýär.

**Zenjebil** saglyk üçin peýdaly iýmitleriň biri bolup, ýürek bulanmany aýyrýar. Bakteriýalara we wirusa garşy goraýan zenjebil çaýy immuniteti güýçlendirip, çişme alamatlaryny azaldýar.

**Bal** gymmatly antioksidantlary özünde jemleýän tebigy iýmit bolup, üsgülewük alamatlaryny azaldýar. Ukynyň hilini gowulandyryp, ýaralary bejermäge kömek edýär. Bilermenler 1 ýaşamadyk bäbeklere bal iýdirmegi maslahat bermeýärler.

**Suw** dümew alamatlaryny ýeňip geçmek üçin iň gowy tebigy serişdeleriň biridir. Beden dümewi başdan geçirýän wagty köp mukdarda suwuklyk ýitirýär. Munuň öwezini her gün 8-10 bulgur suw içmek arkaly dolmaly ýa-da çorbadyr ösümlik çaýlaryny köpräk içmeli.

## Näme üçin liftiň içinde aýna goýulýar?

**Lifte gireniňde köplenç ilkinji ünsi özüne çekýän zatlaryň biri aýnadyr. Gündelik ulanýan serişdämiz bolan liftlerde aýnanyň bolmagy adaty ýagdaý ýaly görünse-de, munuň aňyrsynda ýyllaryň çözgüdi ýatyr. Köpler liftdäki aýnanyň owadanlyk üçin goýlandygy barada pikir edýärler. Ýöne munuň sebäbi estetika bilen çäklenmeýär. Eýsem, näme üçin ýokarky gatlara adamlary we ýükleri daşaýan bu enjamda aýna goýulýarka?**



Köpimiz lifte girenimizde bu enjamyň diwaryndaky aýna seredýäris, saçymyza timar berýäris, üst-başymyzy düzedýäris. Ýöne liftdäki aýna bu sebäplere görä goýulmandyr. Käbir adamda ýapyk we dar ýere girende, garaňkyda, uçarda, metroda gorky alamatlary peýda bolýar. Bu gorky klaustrofobiýa diýlip atlandyrylýar. Klaustrofobiýadan ejir çekýän adamlar lifte münmekden, tunnele girmekden, otly ýa-da metro bilen bir ýere gitmekden gaça durýarlar. Liftiň gapysynyň giç açylmagy, liftiň çyrasynyň öçmegi klaustrofobiýa gorkusyny has-da güýçlendirýär.

**Klaustrofobiýa nädip döreýär?**

Alymlar klaustrofobiýanyň sebäbini çagalyk ýyllarynda kelleden şikes almak, bir otagda saklanmak, garaňky otagda gulplanyp galmak ýaly hadysalar bilen düşündirýärler. Bu gorkyny ýeňmek üçin lifte köpräk münmeli. Lifte ýeke münmekden gorkýan bolsaňyz, başga adamlaryň gelerine garaşyp, bilelikde münmeli. Lift baradaky oňaýsyz pikirlerden daşlaşyp, liftiň amatly we oňaýly taraplary barada pikir etmeli. Köp gatly jaýlarda hereket edýän bu enjamyň adaty hojalyk serişdesidigine düşünmeli.

**Lift öndürijileriň çözgüdi**

1950-nji ýyllarda liftiň tizligi we içki bezegi kämilleşdirilip, häzirki görnüşe getirilýär. Öň haýal hereket edýän liftler, indi binanyň ýokarky gatyna derrew barmaga mümkinçilik berýär. Inženerler dar ýerde birnäçe minutlap köpçüligiň içgysgynç ýagdaýda gitmeginiň öňüni almak we kabinanyň giň görünmegi üçin liftde aýna goýmaly diýen karara gelýärler. Tizliginiň ýokarlanmagy we aýna goýulmagy «öý ulagynda» ýetilen iň gowy çözgüt hasaplanýar.

Käbir liftiň içinde ýekeje aýna bar bolsa, käbiriniň içi tutuşlygyna aýna bilen örtülýär. Aýna liftiň içini giň görkezip, has köp ýolagçy barýan ýaly duýgyny başdan geçirmäge, ünsi sowmaga mümkinçilik berýär. Soňky ýyllarda öndürilýän liftleriň köpüsiniň gabarasy aňyrsy görünýän aýnadan ýasalyp, ýolagçylaryň daş-töweregi synlap gitmegine şert döredýär. Umuman, liftdäki aýna adamyň özüni rahat we howpsuz duýmagyna, üst-başyna serenjam bermegine ýardam edýär.

## Sakgyç ýuwutmak zyýanlymy?

Bilermenler sakgyç çeýnemegiň peýdaly we zyýanly taraplary barada belläp geçýärler. Sakgyç agyzdaky turşulygy zyýansyzlandyryp, dişleri çüýremekden gorap saklaýan tüýküligiň bölünip çykmagyna ýardam edýär. Sakgyç agyz boşlugyndaky we dişleriň arasyndaky iýmit galyndylaryny aýyrýar. Agzyň guramagynyň öňüni alyp, dem alşy gowulandyrýar. Esasan hem, şekersiz sakgyç dişler üçin has gowudyr. Geçirilen barlaglara görä, nahardan soň her gün 15-20 minut sakgyç çeýnemek agyz boşlugynda döräp biljek bakteriýalary 17 göterime çenli azaldýar. Şeýle hem käbir adamda naharlanylandan soň döreýän ýürek bulanma alamatlaryny sakgyç çeýnemek arkaly aýryp bolýar. Sakgyç çeýnemegiň käbir adamyň pikirini jemlemäge we stres alamatlaryny azaltmaga ýardam edýändigi ýüze çykaryldy.



Muňa garamazdan, aşa köp sakgyç çeýnelende aşgazanda turşulygyň önümçiligi ýokarlanyp, gyjynma ýa-da ýürek bulanma ýaly alamatlara sebäp bolup biler. Esasan hem, aç garnyňa sakgyç çeýnemek zyýanly hasaplanýar.

Käbir ýagdaýlarda bilmezden sakgyç ýuwdulýar. Aşgazana düşen sakgyç eremeýär ýa-da özleşmeýär. Ýuwdulan sakgyç çişme, ýellenme we garyn agyrysy ýaly alamatlary döredýär. Halk arasynda aşgazana düşen sakgyç 7 ýyllap saklanýar diýen ynanç bar. Hakykatdan hem, sakgyç aşgazanda özleşmeýär. Sebäbi sakgyjyň düzüminde sintetik polimer we smola bar. Aşgazan bu fermentleri dargadyp bilmeýär. Ýöne bu ýagdaý sakgyjyň aşgazanda uzak wagtlap galýandygyny aňlatmaýar. Beden işläp bilmedik maddalaryny dürli usullar bilen daşary çykarýar. Ýuwdulan sakgyç beýleki iýmitler bilen bilelikde garylyp, birnäçe günüň içinde bedenden çykyp gidýär. Bilermenler sakgyç bilen bagly ynanjyň hakykata esaslanmaýandygyny belleýärler we bu garaýşyň çagalaryň sakgyç ýuwutmagynyň öňüni almak üçin oýlanyp tapylandygyny belleýärler. Bilermenler yzygiderli ýagdaýda sakgyç ýuwutmagyň saglyk üçin örän zyýanlydygyna ünsi çekýärler. Aýratyn hem, kiçi ýaşly çagalara sakgyç bermeli däldigini we çagalaryň sakgyç ýuwutmagynyň öňüni almalydygyny belleýärler.

## Ygtybarly gyş awtoulagy

«Subaru»-nyň ýolsuz ýerden ýöreýän (krossower) «Outback» we «Forester» modelleri gyşda sürmek üçin iň ygtybarly ulaglar bolup, gar-ýol tertibi bilen beýleki awtoulaglardan öňe saýlanýar. Ýapon awtoulag brendi «EyeSight» howpsuzlygy bilen tapawutlanýar. «Göz kamerasy» diýlip atlandyrylýan bu ulgam sürüjä ýoldaky we daş-töwerekdäki dürli howplar barada habar berýär. Ulaga ornaşdyrylan bu ulgam garyň syrap duran günleri sürüjiniň «görmeýän zatlaryny görýär» we ugry kesgitlemäge, birden togtamaga hem-de heläkçiligiň öňüni almaga ýardam edýär.

«Subaru Outback/Forester» gar-ýol tertibine geçirilende 20 santimetrden galyň garyň üstünde arkaýyn hereket edip bilýär. Taýgak ýagdaýa geçirilende bolsa, buzuň üstünde hem typmazdan ýöräp bilýär. Ykjam krossoweriň hereketlendirijisiniň göwrümi 2,5 litrlik bolup, goşmaça güýçlendiriji ulgamy (turbo) hem bar. Uzak syýahata gidilende rahatlyk berýän bu ulag islendik ýerden geçip bilýär. Garda, buzda, dagda, umuman, islendik ýerde sürmäge niýetlenen «Subaru»-nyň bu modeli ilkinji gezek 1994-nji ýylda çykarylýar. 2025-nji ýylda «Forester»-iň gibrid görnüşi, ýakynda bolsa «Outback»-yň standart we turbo modelleri köpçülige hödürlendi.



## Halkara bilim güni

Her ýylyň 24-nji ýanwarynda Halkara bilim güni bellenip geçilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň başlangyjy esasynda dünýäniň birnäçe ýurdunda, esasan hem, Afrika ülkelerinde çagalaryň we ýetginjekleriň bilim almagy üçin birnäçe işler amala aşyrylýar. Çet ýerlerde ýaşaýan çagalaryň yzygiderli we üznüksiz bilim almagy, mekdeplerde mugallymlaryň ýeterlik bolmagyny gazanmak hem-de mekdebe ulag gatnawyny ýola goýmak BMG-niň gozgaýan esasy meseleleriniň biri bolup durýar. 2018-nji ýylyň dekabr aýynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan bilimiň derejesini artdyrmak, dünýäde parahatçylygy berkitmek we ösüşleri öwrenmek maksady bilen, 24-nji ýanwar – Halkara bilim güni diýlip yglan edilýär. Bu ýyl Halkara bilim güni «Bilimi bilelikde döretmekde ýaşlaryň güýji» şygary astynda bellenilýär.



Halkara bilim güni mynasybetli mekdep okuwçylarynyň arasynda mugallyma hormat goýmak, durmuşyňyza täsir eden mugallym, öýde okamagy endik etmek, çalt okamak we köp okamak ýaly birnäçe çäreler geçirilýär. Wagyz-nesihat işleri alnyp barlyp, çet obalarda ýaşaýan üçünji synpa çenli okuwçylara okamagy öwretmek, okuw gollanmalary bilen üpjün etmek ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# BEDENI IŇ ÝOKARY GYZGYNLYKDAKY JANDAR



Adatça, janly-jandarlaryň ählisiniň diýen ýaly bedeniniň temperaturasy 36-37 derejede saklanýar. Bedeni iň pes gyzgynlykdaky süýdemdiriji jandar Arktika ýer syçany (-2,9 dereje) hasaplanýar. Göräýmäge, iň ýokary gyzgynlyk äpet jandarlara – pile, žirafa ýa-da gök kite degişli bolaýjak ýaly. Emma bu pikir edişimiz ýaly däl. Dünýäde bedeni iň ýokary gyzgynlykdaky jandar kolibridir. Ary ýaly ululykdaky guşuň bedeniniň gyzgynlygynyň 40-43 derejede saklanmagy täsin ýagdaýlaryň biri hasaplanýar. Kolibriniň ýumşak we gür ýelek örtügi ganat myşsalarynyň hereketi netijesinde döreýän ýylylygy daşary çykarmaýar. Bu bolsa bedeniň ýokary temperaturasyna sebäp bolýar. Kindiwanja guş her minutda 7 müň gezek ganat kakýar. Bu bolsa kiçijik guşlaryň bedeniniň gyzmagyna sebäp bolýar.



## KOLIBRI BARADA

Kolibriler, esasan, Karib deňziniň töwereginde ýaşaýarlar. Kiçijik guşuň birnäçe görnüşi bolup, iň kiçisine balary kolibrisi (Mellisuga helenae) diýilýär. Balary kolibrisiniň göwresiniň uzynlygy 5 – 6 santimetre, agramy 1,9 – 2,5 grama ýetýär. Kolibriler



örän kiçidigine garamazdan, aşa çalt ganat kakýarlar we batly uçýarlar. Bu guşuň esasy aýratynlygy howada saklanyp durup, uçup bilmegidir. Hatda kolibriler howada wagty gülüň şiresini sorup iýmitlenýärler. Şeýle-de bu guşlar yzlygyna we gapdallygyna hem uçup bilýärler. Kolibrileriň ýelegi örän ýalpyldawuk bolup, reňki we owadanlygy bilen görenleri haýran galdyrýar.

Kiçijik guşlaryň iň uly görnüşi äpet kolibri (Patagona gigas) bolup, uzynlygy 23 santimetre, agramy 20 grama ýetýär. Başgaça ispan kolibrisi diýilýän bu guşjagaz And daglarynda ýaşaýar. Kolibriniň diňe Ýamaýkada we Gaitide duş gelýän «Mellisuga minima» atly görnüşi balary kolibrisinden soň iň kiçi ikinji guş hasaplanýar. Kolibriler ortaça 3 – 5 ýyla çenli ýaşaýar. Ýabany tebigatda hasaba alnan iň garry kolibri 12 ýyl ýaşapdyr. Kolibrileriň esasy iýmiti gülleriň süýji nektary bolup, käte ownuk mör-möjekleri hem iýýärler.

**Kolibri örän kiçidigine garamazdan, her minutda 7 müň gezek ganat kakýar we batly uçýar. Bu guşuň esasy aýratynlygy howada saklanyp durup, uçup bilmegidir. Hatda kolibriler howada wagty gülüň şiresini sorup iýmitlenýärler. Şeýle-de bu guşlar yzlygyna we gapdallygyna hem uçup bilýärler. Kolibrileriň ýelegi örän ýalpyldawuk bolup, reňki we owadanlygy bilen görenleri haýran galdyrýar.**



# GAR arassalaýan maşyn

**Gar arassalaýan ulaglar ilkinji gezek 1792-nji ýylda ABŞ-nyň Nýu-Hempşir ştatynda oýlanyp tapylýar. Tirkegli at arabanyň aşagyna gary syryp gidýän keseligine tagta berkidilen bu enjamy ýörite işçi dolandyrypdyr. Oňyn netije gazanylansoň, at arabasyna uçburçluk görnüşli tagtalar dakylyp, ilkinji gar arassalaýan mehanizm peýda bolýar. Üçburçluk tagta gary böwsüp, serpikdirmek işini ýeňilleşdiripdir.**

**1840-njy ýyllarda ABŞ-da gar arassalaýjy demir ýol ulaglary üçin patent alynýar. Üçburçluk şekilindäki gar arassalaýjy mehanizm lokomotiwiň öň tarapynda ýerleşip, gary iki gyra serpikdiripdir. 1913-nji ýylda «Good Roads Machinery» kompaniýasy ilkinji gar arassalaýan tirkegi öndürýär. Tirkegiň gabarasy metaldan ýasalyp, aşagyna 180 dereje aýlanýan polat örtük ornaşdyrylýar. 1920-nji ýyllarda motorly ulaglaryň ýaýrap başlamagy bilen, uly ýollara niýetlenen gar syryjy maşyn döredilýär.**

**Soňky ýyllarda aýlanýan çotgalar bilen gary süpürýän, öňündäki susguç bilen sorup alyp, gapdala pürkýän ýa-da ýük ulagynyň gabarasyna guýýan, üýşürilen gary duran ýerinde eredip, lagym ulgamyna akdyrýan we başga-de birnäçe ululy-kiçili ýörite mehanizmler peýda bolýar.**

# TOPJAGAZA MEŇZEŞ «TÜÝLI MIWE»




**Öň tagamyny datmadyk miwäňi ilkibaşda göreniňde, onuň nähili miwedigi we tagamy barada öňünden çaklap bolýar. Emma käbir miwäniň daş görnüşi başgaça bolup, ony iýilýändir hem öýtmeýärsiň. Gürrüňini edýän miwämiziň gabygy saç ýaly tüýjümek bolup, kiçijik rezin topjagaza meňzeýär. Bu miwä rambutan diýilýär.**

Günorta-Gündogar Aziýada tropik gurşawda ösdürilip ýetişdirilýän rambutan endemik miwe bolup, ösümlikleriň «sapindaceae» maşgalasyna degişlidir. Bu miwäniň ata Watany Malaýziýa hasaplanýar. «Rambutan» malaý dilindäki «rambut» sözünden gelip çykyp, «tüýli miwe, saç» diýmegi aňladýar. Daşyndan göräýmäge rezin oýnawaja meňzeýän bu miwäniň ululygy 3-6 santimetr aralygynda bolýar. Gabygy üpürjikli rambutan, esasan, gyzyl reňkde bolup, seýrek ýagdaýda mämişi ýa-da sary görnüşlerem duş gelýär. Içinde ýumurtga şekilli iýilýän bölegi bolup, üzümiňki ýaly süýjümtik tagamy bar. Golf topunyň ululygyndaky bu miwäniň ýekeje ajymtyk çigidi bolýar. Peýdaly maddalary özünde jemleýän bu miwäniň ajy çigidi käbir ýerde gowrulyp hem iýilýär. Rambutanyň düzüminde 78% suw, 21% uglewod, 1% belok we az mukdarda ýag saklanýar. Bu tropik miwe terligine we gaplanan görnüşde eksport edilýär.

XIII-XV asyrlarda arap söwdagärleriniň bu miwäni dürli ýurtlara äkitmegi bilen, Amerika, Afrika sebitlerine ýaýraýar. Rambutan agajynyň boýy 15-24 metre çenli ýetýär. Uzyndan inçe ýaprakly bu agajyň ownuk gülleri bolýar. Rambutanyň hoşboý ysly gülleri mör-möjekleri, esasan hem, balarylary özüne çek-



ýär. Islendik toprakda ösüp bilýän bu agaç iki-üç ýyldan soň miwe berýär. Rambutanyň iki görnüşi – miwe berýän we miwe bermeýän görnüşi bar. Çägesöw topragy halaýan agaç her ýyl iki gezek miwe berýär. Adatça, beýleki agaçlar 2-3 ýyldan miwe berýän bolsa, rambutan 5-6 ýyldan soň hasyla durýar. Bu agajyň her düýbi 5-6 müň miwe berýär. Ýylyň ähli paslynda gök öwüsýän rambutanyň miwesi we ýapragy ýag, şem we sabyn önümçiliginde ulanylýar. Şeýle hem agajynyň kökleri, gabygy we ýapraklary boýag öndürmekde peýdalanylýar.

Dünýäde iň köp rambutan ösdürip ýetişdirýän ýurt Tailand bolup, her ýyl 450 müň tonna «tüýli miwe» öndürilýär. Her ýyl dünýäde 3 million tonna rambutan hasyly ýygnalýar.

## Gyzykly pursat



## 7 tapawudy tapyň!



## MUNY BILÝÄRMISIŇIZ?



**Gar ap-ak bolup görünýän hem bolsa, aslynda suw ýaly reňksizdir. Gar tozgalary şöhläni uzyna serpikdirip, ak reňkde görünýär. Gar ýagýan ýerine görä, çal, mämişi we gögümtil reňkde hem bolup bilýär.**

## 3-nji SKANWORD




## 6-njy KROSSWORD



**KESELIGINE:** 1. Ýeriň üç ölçegli şekili. 7. Ýykylyp, ýumrulyp galan ýer. 10. Guýy gazylanda diwary opurylmazlyk üçin iç ýüzüne örülýän sözen, ýylgyn. 11. Italiýanyň futbol topary. 12. Gadymy däpleriň biri. 13. Gadymy uçmaýan guş. 14. Pursat, zaman. 15. Gülüň bir görnüşi. 17. Demirgazyk Amerikada bir döwlet. 19. Öňki, gadymky. 21. Ýagtylyk beriji enjam. 25. Az güýjüň kömegi bilen köp güýji deňagramlaşdyrmak üçin hyzmat edýän we daýanç nokadynyň üstünde ýerleşen metal. 28. Dogry, dürs. 29. Hindi aktrisasy ... Kapur. 30. Gyzyl sözüniň iňlisçesi. 31. Kerepde ýaşaýan zäherli hem zähersiz bognaýakly mör-möjek. 32. Iň ýokary üstünlik. 33. Deprek esbaplaryny öndürýän kompaniýa. 34. Düňle, üşüksiz. 35. Saz sesiniň, owazynyň şertli çyzykly belgisi. 40. Ýylyň ähli paslynda gök öwsüp oturan agaç. 42. Güýç-... 44. Rus konditer kärhanasy. 45. Uzynlyk ölçeg birligi. 46. Arka, yz tarap. 47. Nepalyň uly köli. 48. Mälim, açyk. 49. Miwe. 50. Çaganyň päki degmedik ilkinji saçy. 51. San ululygyny, möçberi, göwrümi görkezýän söz.

**DIKLIGINE:** 2. Jemgyýetçilik hereketine syýasy taýdan ýolbaşçylyk edýän adam. 3. Oglan ady. 4. Gyz ady. 5. Baglaýjy kömekçi. 6. Oba hojalyk guraly. 7. Gyz ady. 8. Şowly, üstünlikli. 9. Sag gapyrganyň aşagynda ýerleşýän içki beden agzasy. 16. Tudana meňzeş miwe. 18. Kambojanyň dini ýadygärlikleriniň biri. 19. Işdämen, nahar dandamaýan. 20. Geometrik şekil. 22. Ynamly, ynançly. 23. Arkaýyn, aladasyz. 24. Stol oýny. 26. Süýji suwda ýaşaýan balyk. 27. Zähersiz ýylanyň bir görnüşi. 36. Şweýsar sagat brendi. 37. Ýyldyzlaryň biri. 38. Geçiniň, keýigiň alty aýlyga çenli çagasy. 39. Günüň ýaşan çagy. 40. Azajyk, birneme az. 41. Içine et, gök önüm atylyp bişirilýän suwuk nahar. 43. «Ýigidi dostundan ...» (nakyl). 44. Ot, alaw.

### 2-nji skanwordyň jogaby:



### 5-nji krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# 48-nji Dakar Rallisi tamamlandy

Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri hasaplanýan Dakar Rallisi tamamlandy. 48-nji gezek geçirilen ýaryş 7-nji sapar Saud Arabystanynyň çäginde guraldy. 14 tapgyrdan ybarat ýaryşa ähli ulag görnüşlerini hasaba alanyňda, 415 sürüji gatnaşyp, şolaryň 333-sine pellehana ýetmek başartdy.

### Al-Attiýanyň 6-njy çempionlygy

● Ýeňil ulaglar görnüşde katarly Nasser Al-Attiýa ýeňiji boldy. «Dacia» kysymly ulag bilen ýaryşa gatnaşan 55 ýaşyndaky Al-Attiýa 6-njy tapgyrdan soň diňe 9-njy tapgyrda liderligi Nani Roma aldyrsa-da, soňlugy bilen bäsleşigi 48 sagat 56 minut 53 sekuntda tamamlady. Ol «Ford» kysymly ulaglar bilen ýaryşan ispaniýaly Nani Romadan 9 minut 42 sekunt, şwesiýaly Mattias Ekströmden 14 minut 33 sekunt öňe saýlandy. Ekström geçen ýyl hem 3-nji ýeri eýeläpdi. Şunlukda, Al-Attiýa 6-njy gezek Dakar Rallisinde ýeňiji bolup, bu ugurda 8 çempionlygy bolan fransiýaly Stefen Peterhansele golaýlady. Al-Attiýa mundan öň 2011-nji, 2015-nji, 2019-njy, 2022-nji, 2023-nji ýyllarda ýeňil ulaglar görnüşde çempionlyk gazanypdy. Sebastian Lýob, Karlos Saýns ýaly Ralli ýaryşlarynyň ussatlary 4-5-nji orunlary eýelediler.





Motosiklçileriň arasynda argentinaly Luçiano Benawides (KTM) 49 sagat 41 sekuntda ýaryşy tamamlap, ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Benawides Dakar Rallisiniň 2 gezek çempiony amerikaly Riki Brabekden 2 sekunt artykmaçlyk görkezip, çempionlyk gazanmagy başardy. Bu ugurda ispaniýaly Toşa Shareina münberiň 3-nji basgançagyna çykdy. Umumylykda, motosiklçileriň arasynda awstraliýaly Daniel Sanders ýiti bäsdeşlik görkezdi. Ol 9-njy tapgyrda liderligi Brabeke aldyrdy. Soňky 4 tapgyrda Brabek bilen Benawidesiň arasynda ýiti göreş bolup, ahyrynda-da argentinaly sürüji 2 sekuntlyk aratapawut bilen hem bolsa ýaryşy öňde tamamlady.



Ýük ulaglarynyň sürüjileriniň arasyndaky bäsleşikde litwaly Waidataş Žala we ekipažy ýeňiji boldy. «Iveco PowerStar» kysymly ulag bilen ýaryşa goşulan sürüji bäsleşigi 56 sagat 58 minut 38 sekuntda tamamlap, çehiýaly Aleş Loprais hem-de niderland Mitçel wan den Brinki yzda galdyrdy. Soňky 2 ýylyň çempiony, çehiýaly Martin Maçik bu gezek 4-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.

# Dartgynly finalyň ýeňijisi Senegal boldy

**Marokkoda geçirilen 35-nji Afrika Milletler Kubogy tamamlandy. Paýtagt Rabatdaky Şazada Mulaý Abdellahyň adyny göterýän stadionda 66 müň 526 janköýeriň şaýatlygynda geçen finalda ýer eýeleri Marokko bilen Senegalyň ýygyndylary duşuşdy. Dartgynly wakalara baý bolan oýunda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi.**



Duşuşygyň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. Hatda 2-nji ýarymda-da hasap üýtgemedi. Duşuşygyň soňunda emin oýna 8 minut goşdy. Futbolyň taryhynda, onda-da finalda seýrek duş gelýän wakalar zynjyry-da şol goşmaça wagtda bolup geçdi. 90+3-nji minutda baş emin Kongo Demokratik Respublikasyndan Žan-Žak Ndala senegally futbolçylaryň geçiren golunu oýnuň düzgüniniň bozulandygyny nazarda tutup, hasaba almady. Senegally futbolçylar emine VAR-a gitmegi üçin köp aýtsalaram, bu oňa täsir etmedi. 90+8-nji minutda bolsa emin VAR-ahem seredip, Marokkonyň peýdasyna 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Bu ýagdaýa gahary gelen senegally futbolçylar 90+13-nji minutda meýdançany terk etdiler. Geçirilen gepleşiklerden soň, esasan hem Maneniň tagallasynyň netijesinde senegally futbolçylar 90+21-nji minutda meýdança dolanyp geldiler. Eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny 90+24-nji minutda Marokkonyň finala çenli gelmeginde uly rol oýnan Brahim Diaz ýerine ýetirdi. Ol Panenka urgusyny deňäp gördi, ýöne gowşak bolan urgyny derwezeçi Mendi ýeňillik bilen saklady. Şunlukda, soňky minutlary gopgunly geçen duşuşygyň esasy wagtynda hasap açylmady.



Goşmaça 30 minut berlip, 94-nji minutda Senegalyň ýygyndysy öňe saýlandy. Bu taryhy goly owadan urgy bilen milli toparyň «Wilýarrealda» oýnaýan ýarymgoragçysy Pepe Geýe derwezä girizdi. Duşuşygyň galan 26 minutynda ýer eýelerine hasaby deňlemek ýa-da öňe geçmek başartmady. Şeýlelikde, Senegalyň ýygyndysy goşmaça wagtda Marokkonyň ýygyndysyny 1–0 hasabynda ýeňip, taryhyndaky 2-nji yklym çempionlygyny gazandy. Soňky 4 ýaryşda 3-nji gezek finalda oýnan Senegalyň ýygyndysy mundan öň 2021-nji ýylda çempion bolupdy. Bu Senegalyň umumylykda 4-nji finaly bolup, olar 2002-nji we 2019-njy ýyllarda garşydaşlaryndan asgyn gelipdi. Senegalyň ýygyndysy Afrika Milletler Kubogyny 2 gezek eýelän 8-nji ýygyndy hökmünde hasaba alyndy.

### 50 ýyldan soň 2-nji çempionlyga golaýlady

● Soňky ýyllarda dürli ýaşlardaky ýygyndy toparlarynyň ýeňşini baýram edýän Marokko şol çempionlyklaryň üstüni yklymyň iň uly ýaryşynyň altyn medaly bilen ýetirmek başartmady. Özlerinde geçirilen ýaryşda ýeňlişsiz finala çykan Marokkonyň ýygyndysy agza-burna gelen ýeňşi gazanyp, 50 ýyldan soň taryhyndaky 2-nji çempionlygyna eýe bolmak mümkinçiligini elden giderdi. Ýeke-täk çempionlygyny 1976-njy ýylda gazanan Marokkonyň ýygyndysy 2004-nji ýyldan soň 2-nji gezek finalda utuldy.



### 2-nji gezek iň ökde oýunçy saýlandy

● Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip Sadio Mane saýlandy. Ýyldyz oýunçy 2021-nji ýylda-da ýaryşyň iň ökde oýunçysy baýragyny eýeläpdi. 5 gezek tapawutlanan marokkoly Brahim Diaz çempionatyň iň köp gol geçiren oýunçysy boldy. «Fair-Play» baýragyny gazanan Marokkonyň ýygyndysyndan Ýassin Bunu çempionatyň iň ökde derwezeçisi diýlip saýlandy.

### 9-njy gezek bürünç medala mynasyp boldy

● Baýrakly 3-nji ýer ugrundaky oýunda geçen ýaryşyň wise-çempiony Nigeriýanyň ýygyndysy bilen Müsüriň ýygyndysy duşuşdy. Duşuşygyň esasy hem-de goşmaça wagtlarynda hasap açylmady. Oýundan soň 11 metrlik urgulary has dürs (4–2) ýerine ýetiren Nigeriýanyň ýygyndysy bürünç medala mynasyp boldy. Nigeriýanyň ýygyndysy 9-njy gezek 3-nji orny eýeledi (1976, 1978, 1992, 2002, 2004, 2006, 2010, 2019, 2025). Çempionaty medalsyz tamamlan Müsüriň ýygyndysy bolsa 1976-njy, 1980-nji we 1984-nji ýyllardan soň 4-nji gezek 4-nji ýere mynasyp boldy.

# Mançesteriň gyzyl tarapynda baýramçylyk

Angliýanyň çempionatynda 22-nji tapgyryň merkezi duşuşygynda, Mançester derbisinde «Ýunaýted» öz meýdançasynda «Sitini» 2-0 hasabynda ýeňdi. Möwsümiň ahyryna çenli Maýkl Karrigi tälimçilige bellän «Ýunaýtediň» gollaryny 2-nji ýarymda Mbemo bilen Dorgu geçirdi. Duşuşykda ýer eýeleriniň ýene-de 3 goly ofsaýd sebäpli hasaba alynmady. Sanawyň lideri «Arsenal» myhmançylykda «Nottingam Forest» bilen golsuz deňme-deň oýnap, utuk aratapawudyny hasam artdyrmak mümkinçiliginden ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Topçular myhmançylykdaky bassyr 2-nji duşuşygyny golsuz tamamlady. Çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan «Aston Willa» topary-da «Ewertondan» 1-0 hasabynda asgyn gelip, 8 oýundan soň öz meýdançasynda utuldy. Soňky çempion «Liwerpul» öz meýdançasynda «Börnli» bilen duşuşyp, utuklary paýlaşdy (1-1).





«Liwerpul» topary çempionatda bassyr 4 duşuşykdan bäri deňme-deň oýnap gelýär. Duşuşygyň 32-nji minutynda Soboslainiň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy ýokarky sütünden yzyna gaýtdy. London derbisinde «Çelsi» öz meýdançasynda «Brentforddan» Žoao Pedronyň (26) hem-de Palmeriň (76 p) gollary bilen 2-0 hasabynda üstün çykdy. Başga bir London derbisinde «Tottenham» öz meýdançasynda «West Hamdan» 90+3-nji minutda geçirden goly esasynda 2-1 hasabynda asgyn geldi.



# Ilki gol geçirdýär, soňam ýeňýär

**Germaniýanyň çempionatynda öňdebaryjy «Bawariýanyň» ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. «Leipsig» toparynyň myhmany bolan «Bawariýa» soňky oýunlardaky ýaly, ilki garşydaşynyň hasaby açmagyna ygtyýar berdi. Ýöne soňlugy bilen münhenliler gol baryny ýagdyryp, 5-1 hasabynda ýeňiş bilen dolandylar. «Bawariýa» toparynda ýer eýelerinden Romulonyň 20-nji minutdaky goluna 2-nji ýarymda Gnabri, Keýn, 83-88-nji minutlar aralygynda-da Ta, Pawlowiç hem-de Olise jogap berdiler. Çekeleşikli geçen oýunda Dortmundyň «Borussiýasy» öz meýdançasynda «Sankt-Pauli» toparyny 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda 3-2 hasabynda ýeňdi.**

# «Barselona» 11 oýundan soň utuldy

Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Barselona» myhmançylykda «Real Sosiedaddan» 2-1 hasabynda asgyn geldi. Çempionatda 11 oýundan soň utulan katalonlaryň derwezesinden ýeňiş gollaryny Oýarzabal (32) bilen Gedeş (71) geçirdi. «Barselonadan» Reşfordyň goly ýeňşe ýetmedi. «Lewanteni» Mbappe (58 p) hem-de Asensionyň (65) gollary esasynda ýeňen «Real Madrid» lider «Barselona» bilen aratapawudy 1 utuga düşürdi. «Atletiko» öz meýdançasynda «Alawesden» Sörlotyň 48-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda üstün çykdy. Kem-kemden özüni dürseýän «Žirona» topary myhmançylykda ukrainaly hüjümçisi Wanatyň her ýarymyň goşmaça minutlarynda 11 metrlik jerime urgularyndan geçiren gollary bilen «Espanýoly» 2-0 hasabynda utdy. «Betis» 4-nji ýerde barýan «Wilýarrealy» Ruibal (57) hem-de Fornalsyň (83) gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňdi. «Malýorka» bilen «Atletik» toparlarynyň arasyndaky oýunda ýer eýeleri 3-2 hasabynda ýeňiş gazanyp, olaryň gollarynyň 3-sini hem Wedad Muriki öz adyna ýazdyrdy.





# Gruziýaly türgenler öňe saýlandy

Angliýanyň Şeffild şäherinde figuralaýyn typmak boýunça Ýewropa çempionaty geçirildi. Çempionatda erkekleriň arasynda gruziýaly Nika Egadze altyn medala mynasyp boldy. Ol hem gysga programmada, hem-de erkin usulda 1-nji ýeri eýeläp, umumylykda 273,00 utuk toplamagy başardy. Italiýaly Matteo Rizzo 2-nji, çehiýaly Georgii Reştenko 3-nji orny eýeledi. Rizzo 2-nji gezek kümüş medaly eýeläp, onuň 2 sany bürünç medaly hem bar.

Zenanlaryň arasynda estoniýaly Nina Petrykina bassyr 2-nji çempionlygyny baýram etdi. 21 ýaşyndaky türgen 2 görnüşde-de öňe saýlanyp, 216,14 utuk toplamagy başardy. Belgiýaly meşhur türgen, 2024-nji ýylyň çempiony Loena Hendriks 2023-nji ýyldan soň 2-nji gezek kümüş medala mynasyp boldy. Münberiň 3-nji basgançagyna italiýaly Lara Naki Gutmann çykdy. 2023-nji ýylyň çempiony, soňky 2 ýaryşyň wise-çempiony, gruziýaly Anastasiýa Gubanowa bu gezek ýeňiş münberiniň daşynda galyp, 5-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy.



Jübütleýin ýaryşda gruziýaly Anastasiýa Metelkina bilen Luka Berulawa ikisi altyn medaly eýeledi. Olar 2024-nji ýylda kümüş, geçen ýyl bürünç medal gazanypdy. Geçen ýylyň çempiony, germaniýaly Minerwa Fabienne Hase bilen Nikita Wolodin kümüş medaly eýelese, Wengriýanyň adyndan wekilçilik eden asly rusiýaly Mariýa Pawlowa bilen Alekseý Swiatçenko ikisi bolsa bürünç medal gazandy.



### 6-njy altyn medalyny gazandy

● Buzda tans etmek ýaryşynda fransiýaly Lorens Furnie-Budri bilen Giýom Sizeron ikisi münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy. Bu ýeňiş 31 ýaşyndaky Sizeronyň 6-njy yklym çempionlygy bolup, ol 2015-2019-njy ýyllar aralygynda ozalky partnýory Gabriella Papadakis bilen bassyr 5 gezek Ýewropanyň çempionlygyny gazanypdy. Papadiks bilen Sizeron ikisi Olimpiýa oýunlarynda 1 altyn, 1 kümüş, şol sanda Dünýä çempionatlarynda-da 5 altyn, 1 kümüş medaly eýeläpdi.

Soňky 3 ýylyň çempiony, italiýaly Şarlen Ginýar bilen Marko Fabri ikisi bu gezek kümüş medala mynasyp boldy. Olar ilkinji gezek 2-nji ýeri eýeläp, bu olaryň 6-njy medalydyr (3 altyn, 1 kümüş, 2 bürünç). Beýik Britaniýadan gatnaşýan Lila Fear bilen Lýuwis Gibson ikisi bassyr 2-nji gezek 3-nji orny eýelediler. Olar 2023-2024-nji ýyllarda yzly-yzyna 2 gezek kümüş medaly gazanypdylar.

### PREMIER LEAGUE (22) — 16 gol

**Man. Ýunaýted—Man. Siti: 2–0** (Mbemo 65, Dorgu 76), **Liwerpul—Börnli: 1–1** (Wirts 42 — Edwards 65), **Lids—Fulham: 1–0** (Nmeça 90+1), **Sanderland—K. Palas: 2–1** (Le Fe 33, Brobbi 71 – Pino 30), **Tottenham—West Ham: 1–2** (Romero 63 — Sammerwill 15, Wilson 90+3), **Çelsi—Brentford: 2–0** (Žoao Pedro 26, Palmer 76 p), **N. Forest—Arsenal: 0-0, Wulwerhempton—Nýukasl: 0–0, Aston Willa—Ewerton: 0–1** (Barri 59), **Braýton—Bornmut: 1–1** (Kostulas 90+1 — Tawernie 32 p)

### LA LIGA (20) — 28 gol

**Espanýol—Žirona: 0–2** (Wanat 45+3 p, 90+3 p), **Real Madrid—Lewante: 2–0** (Mbappe 58 p, Asensio 65), **Malýorka—Atletik: 3–2** (Muriki 5, 42, 69 p — Unaý Gomes 8, Niko Williams 45), **Osasuna—Owiedo: 3–2** (Budimir 45, 75, Munios 90+2 — Winiýas 40, Reýna 68), **Betis—Wilýarreal: 2–0** (Ruibal 57, Fornals 83), **Hetafe—Walensiýa: 0–1** (Gaýýa 84), **Atletiko—Alawes: 1–0** (Sörlot 48), **Selta—R. Wallekano: 3–0** (Karreýra 40, Saragosa 54 p, Rueda 79), **Real Sosiedad—Barselona: 2–1** (Oýarzabal 32, Gedeş 71 — Reşford 70), **Elçe—Sewilýa: 2–2** (Febas 14, Walera 55 — Adams 75, 90+2 p)

### SERIE A (21) — 14 gol

**Pisa—Atalanta: 1–1** (Durosinmi 87 — Krstowiç 83), **Udineze—Inter: 0–1** (Lautara Martines 20), **Napoli – Sassuolo: 1–0** (Lobotka 7), **Kaliari—Ýuwentus: 1–0** (Mazzitelli 65), **Bolonýa—Fiorentina: 1–2** (Fabbian 88 — Mandragora 19, Pikkoli 45), **Parma—Jenoa: 0–0, Torino—Roma: 0–2** (Malen 26, Dibala 72), **Milan—Leçҫe: 1–0** (Füllkrug 76), **Kremoneze—Werona: 0–0, Lasio—Komo: 0–3** (Baturina 2, Niko Paz 24, 49)

### BUNDESLIGA (18) — 29 gol

**Werder—Aýntraht: 3–3** (Nžinma 29, Stage 78, Miloşewiç 81 — Kalimuendo 1, Kollinz 56, Knauff 90+5), **Hoffenhaým—Baýer: 1–0** (Burger 9), **Köln—Maýns: 2–1** (Ahe 57, 85 — Bell 29), **Hamburg—Borussiýa M: 0–0, Wolfsburg—Haýdenhaým: 1–1** (Ýens 80 — Bek 45+1), **Borussiýa D—Sankt-Pauli: 3–2** (Brandt 45+1, Adeýemi 54, Jan 90+5 p — Sänds 62, Jons 72), **Leipsig—Bawariýa: 1–5** (Romulo 20 — Gnabri 50, Keýn 67, Ta 83, Pawlowiç 85, Olise 88), **Ştutgart—Union Berlin: 1–1** (Fürih 59 — U Ýon Çon 83), **Augsburg—Fraýburg: 2–2** (Klod-Moris 47, Rejbesaý 49 — Suzuki 60, Matanowiç 62)

### LIGUE 1 (18) — 32 gol

**Monako—Loriýan: 1–3** (Fati 76 — Dieng 68, Makengo 85, Dermane 87), **PSŽ—Lill: 3–0** (Dembele 13, 64, Barkola 90+3), **Lans—Oser: 1–0** (Said 65), **Tuluza—Nissa: 5–1** (Hidalgo 7, 55, Magri 45, Kasseres 74, Winiolo 80 — Wai 49), **Anže—Marsel: 2–5** (Sbai 45+2, Allewina 90+2 — Guiri 19, Grinwud 24, Traore 34, Wea 40, Paişao 88), **Strasbur—Mets: 2–1** (Moreýra 12, Godo 43 — Eýn 24 p), **Renn—Le Hawr: 1–1** (Embolo 86 — Mambimbi 69), **Nant—Pariž: 1–2** (Ablin 50 — Kebbal 6, Koleoşo 78), **Lion—Brest: 2–1** (Şults 41, Abner 45+1 — Ebimbe 87)

ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 22 | 15 | 5 | 2 | 40-14 | 50 |
| 2 | MAN. SITI | 22 | 13 | 4 | 5 | 45-21 | 43 |
| 3 | ASTON WILLA | 22 | 13 | 4 | 5 | 33-25 | 43 |
| 4 | LIWERPUL | 22 | 10 | 6 | 6 | 33-29 | 36 |
| 5 | M. ÝUNAÝTED | 22 | 9 | 8 | 5 | 38-32 | 35 |
| 6 | ÇELSI | 22 | 9 | 7 | 6 | 36-24 | 34 |
| 7 | BRENTFORD | 22 | 10 | 3 | 9 | 35-30 | 33 |
| 8 | NÝUKASL | 22 | 9 | 6 | 7 | 32-27 | 33 |
| 9 | SANDERLAND | 22 | 8 | 9 | 5 | 23-23 | 33 |
| 10 | EWERTON | 22 | 9 | 5 | 8 | 24-25 | 32 |
| 11 | FULHAM | 22 | 9 | 4 | 9 | 30-31 | 31 |
| 12 | BRAÝTON | 22 | 7 | 9 | 6 | 32-29 | 30 |
| 13 | KRISTAL PALAS | 22 | 7 | 7 | 8 | 23-25 | 28 |
| 14 | TOTTENHAM | 22 | 7 | 6 | 9 | 31-29 | 27 |
| 15 | BORNMUT | 22 | 6 | 9 | 7 | 35-41 | 27 |
| 16 | LIDS | 22 | 6 | 7 | 9 | 30-37 | 25 |
| 17 | N. FOREST | 22 | 6 | 4 | 12 | 21-34 | 22 |
| 18 | WEST HAM | 22 | 4 | 5 | 13 | 24-44 | 17 |
| 19 | BÖRNLI | 22 | 3 | 5 | 14 | 23-42 | 14 |
| 20 | W. HEMPTON | 22 | 1 | 5 | 16 | 15-41 | 8 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 20 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 16 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Bornmut/Man. Siti) | 10 |
| 4 | Dominik KALWERT-LÝUWIN (Lids) | 9 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 8 |

ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 20 | 16 | 1 | 3 | 54-22 | 49 |
| 2 | REAL MADRID | 20 | 15 | 3 | 2 | 43-17 | 48 |
| 3 | ATLETIKO M | 20 | 12 | 5 | 3 | 35-17 | 41 |
| 4 | WILÝARREAL | 19 | 13 | 2 | 4 | 37-19 | 41 |
| 5 | ESPANÝOL | 20 | 10 | 4 | 6 | 23-22 | 34 |
| 6 | BETIS | 20 | 8 | 8 | 4 | 33-25 | 32 |
| 7 | SELTA | 20 | 8 | 8 | 4 | 28-20 | 32 |
| 8 | ELÇE | 20 | 5 | 9 | 6 | 27-26 | 24 |
| 9 | R. SOSIEDAD | 20 | 6 | 6 | 8 | 26-28 | 24 |
| 10 | ATLETIK B | 20 | 7 | 3 | 10 | 19-28 | 24 |
| 11 | ŽIRONA | 20 | 6 | 6 | 8 | 20-34 | 24 |
| 12 | OSASUNA | 20 | 6 | 4 | 10 | 21-24 | 22 |
| 13 | R. WALLEKANO | 20 | 5 | 7 | 8 | 16-25 | 22 |
| 14 | SEWILÝA | 20 | 6 | 3 | 11 | 26-32 | 21 |
| 15 | MALÝORKA | 20 | 5 | 6 | 9 | 24-30 | 21 |
| 16 | HETAFE | 20 | 6 | 3 | 11 | 15-26 | 21 |
| 17 | WALENSIÝA | 20 | 4 | 8 | 8 | 19-31 | 20 |
| 18 | ALAWES | 20 | 5 | 4 | 11 | 16-25 | 19 |
| 19 | LEWANTE | 19 | 3 | 5 | 11 | 21-32 | 14 |
| 20 | OWIEDO | 20 | 2 | 7 | 11 | 11-31 | 13 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 19 |
| 2 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 14 |
| 3 | Ferran TORRES (Barselona) | 11 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 9 |
| 5 | Kuço HERNANDES (Betis) | 8 |

ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 21 | 16 | 1 | 4 | 44-17 | 49 |
| 2 | MILAN | 21 | 13 | 7 | 1 | 34-16 | 46 |
| 3 | NAPOLI | 21 | 13 | 4 | 4 | 31-17 | 43 |
| 4 | ROMA | 21 | 14 | 0 | 7 | 26-12 | 42 |
| 5 | ÝUWENTUS | 21 | 11 | 6 | 4 | 32-17 | 39 |
| 6 | KOMO | 21 | 10 | 7 | 4 | 31-16 | 37 |
| 7 | ATALANTA | 21 | 8 | 8 | 5 | 26-20 | 32 |
| 8 | BOLONÝA | 21 | 8 | 6 | 7 | 30-24 | 30 |
| 9 | LASIO | 21 | 7 | 7 | 7 | 21-19 | 28 |
| 10 | UDINEZE | 21 | 7 | 5 | 9 | 22-33 | 26 |
| 11 | SASSUOLO | 21 | 6 | 5 | 10 | 23-28 | 23 |
| 12 | KREMONEZE | 21 | 5 | 8 | 8 | 20-28 | 23 |
| 13 | PARMA | 21 | 5 | 8 | 8 | 14-22 | 23 |
| 14 | TORINO | 21 | 6 | 5 | 10 | 21-34 | 23 |
| 15 | KALIARI | 21 | 5 | 7 | 9 | 22-30 | 22 |
| 16 | JENOA | 21 | 4 | 8 | 9 | 22-29 | 20 |
| 17 | LEÇÇE | 21 | 4 | 5 | 12 | 13-29 | 17 |
| 18 | FIORENTINA | 21 | 3 | 8 | 10 | 23-32 | 17 |
| 19 | PISA | 21 | 1 | 11 | 9 | 16-31 | 14 |
| 20 | WERONA | 21 | 2 | 8 | 11 | 17-34 | 14 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 11 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 8 |
| 3 | Niko PAZ (Komo) | 8 |
| 4 | Kenan ÝYLDYZ (Ýuwentus) | 7 |
| 5 | Hakan ÇALHANOGLU (Inter) | 7 |

GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 18 | 16 | 2 | 0 | 71-14 | 50 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 18 | 11 | 6 | 1 | 35-17 | 39 |
| 3 | HOFFENHAÝM | 17 | 10 | 3 | 4 | 35-21 | 33 |
| 4 | ŞTUTGART | 18 | 10 | 3 | 5 | 33-26 | 33 |
| 5 | LEIPSIG | 17 | 10 | 2 | 5 | 33-24 | 32 |
| 6 | BAÝER | 17 | 9 | 2 | 6 | 34-25 | 29 |
| 7 | AÝNTRAHT | 18 | 7 | 6 | 5 | 38-39 | 27 |
| 8 | FRAÝBURG | 18 | 6 | 6 | 6 | 29-31 | 24 |
| 9 | UNION BERLIN | 18 | 6 | 6 | 6 | 24-27 | 24 |
| 10 | KÖLN | 18 | 5 | 5 | 8 | 27-30 | 20 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 18 | 5 | 5 | 8 | 23-29 | 20 |
| 12 | WOLFSBURG | 18 | 5 | 4 | 9 | 27-38 | 19 |
| 13 | WERDER | 17 | 4 | 6 | 7 | 21-34 | 18 |
| 14 | HAMBURG | 17 | 4 | 5 | 8 | 17-27 | 17 |
| 15 | AUGSBURG | 18 | 4 | 4 | 10 | 20-35 | 16 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 18 | 3 | 4 | 11 | 17-39 | 13 |
| 17 | MAÝNS | 18 | 2 | 6 | 10 | 18-31 | 12 |
| 18 | SANKT-PAULI | 17 | 3 | 3 | 11 | 16-31 | 12 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 21 |
| 2 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 10 |
| 3 | Maýkl OLISE (Bawariýa) | 10 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 9 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 9 |

FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LANS | 18 | 14 | 1 | 3 | 32-13 | 43 |
| 2 | PSŽ | 18 | 13 | 3 | 2 | 40-15 | 42 |
| 3 | MARSEL | 18 | 11 | 2 | 5 | 41-19 | 35 |
| 4 | LION | 18 | 10 | 3 | 5 | 27-18 | 33 |
| 5 | LILL | 18 | 10 | 2 | 6 | 33-25 | 32 |
| 6 | RENN | 18 | 8 | 7 | 3 | 30-25 | 31 |
| 7 | STRASBUR | 18 | 8 | 3 | 7 | 28-22 | 27 |
| 8 | TULUZA | 18 | 7 | 5 | 6 | 29-23 | 26 |
| 9 | MONAKO | 18 | 7 | 2 | 9 | 28-33 | 23 |
| 10 | BREST | 18 | 6 | 4 | 8 | 24-29 | 22 |
| 11 | ANŽE | 18 | 6 | 4 | 8 | 20-25 | 22 |
| 12 | LORIÝAN | 18 | 5 | 7 | 6 | 23-30 | 22 |
| 13 | PARIŽ | 18 | 5 | 4 | 9 | 24-32 | 19 |
| 14 | LE HAWR | 18 | 4 | 7 | 7 | 16-24 | 19 |
| 15 | NISSA | 18 | 5 | 3 | 10 | 21-35 | 18 |
| 16 | NANT | 18 | 3 | 5 | 10 | 17-30 | 14 |
| 17 | OSER | 18 | 3 | 3 | 12 | 14-28 | 12 |
| 18 | METS | 18 | 3 | 3 | 12 | 19-40 | 12 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 12 |
| 2 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 10 |
| 3 | Esteban LEPOL (Renn) | 9 |
| 4 | Pawel ŞULS (Lion) | 8 |
| 5 | Wesli SAID (Lans) | 8 |

# 20 oýundan bäri ýeňilmän gelýär

Italiýanyň çempionatynda 21-nji tapgyrda öňdebaryjy 3 topar iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazandy. «Inter» myhmançylykda «Udinezeni» Lautara Martinesiň 20-nji minutda geçiren goly bilen ýeňdi. «Milan» hem öz meýdançasynda «Leççeni» täze transfer Niklas Füllkrugyň 73-nji minutda oýna girip, 3 minutdan soň geçiren goly esasynda ýeňşini baýram etdi. «Milan» çempionatda şu möwsümde 20 oýundan bäri ýeňilmän gelýär we şeýle görkeziji soňky sapar 1992/93 möwsüminde hasaba alnypdy. «Napoli» topary-da Lobotkanyň duşuşygyň başlarynda, ýagny 7-nji minutda salan ýeke-täk goly bilen «Sassuolodan» üstün çykmagy başardy. Paýtagtyň «Roma» topary geçen hepdäniň dowamynda özüni kubok ýaryşyndan çykaran «Torino» klubuny myhmançylykda täze transfer Maleniň hem-de argentinaly ýyldyz oýunçy Dibalanyň gollary esasynda 2-0 hasabynda utdy. Yzygiderli ýeňiş gazanmakda kynçylyk çekýän «Ýuwentus» myhmançylykda «Kaliariden» 1-0 hasabynda ýeňildi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 65-nji minutda Mazzitelli geçirip, «Ýuwentus» topa erk etmekde oýny 78 göterim bilen tamamlady. Ýöne bu görkeziji olara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Ýokarky orunlara dyrjaşýan «Komo» topary myhmançylykda «Lasiony» 3-0 hasabynda ýeňdi. Oýunda 2 gol salan Niko Paz 35-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmän, het-trik etmek mümkinçiligini elden giderdi.





Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Lans» öz meýdançasynda «Oser» bilen duşuşyp, Saidiň 65-nji minutda geçiren ýeke-täk goly ýeňiş üçin ýeterlik boldy. PSŽ bolsa öz meýdançasynda «Lillden» Dembele (2) hem-de Barkolanyň gollary esasynda 3-0 hasabynda üstün çykdy. 7 goluň geçirilen oýnunda «Marsel» myhmançylykda «Anženi» 5-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

### Hepdäniň esasy duşuşyklary

**23-nji ýanwar (anna)**

- Oser – PSŽ (00:00)
- **Sankt-Pauli – Hamburg (00:30)**
- Inter – Pisa (00:45)

**24-nji ýanwar (şenbe)**

- Baýer – Werder (19:30)
- Bawariýa – Augsburg (19:30)
- Man. Siti – Wulwerhempton (20:00)
- Walensiýa – Espanýol (20:15)
- Union Berlin – Borussiýa D (22:30)
- **Bornmut – Liwerpul (22:30)**
- **Wilýarreal – Real Madrid (01:00)**
- **Marsel – Lans (01:05)**

**25-nji ýanwar (ýekşenbe)**

- Atletiko – Malýorka (18:00)
- **K. Palas – Çelsi (19:00)**
- **Nýukasl – Aston Willa (19:00)**
- Harts – Seltik (20:00)
- Barselona – Owiedo (20:15)
- **Arsenal – Man. Ýunaýted (21:30)**
- **Ýuwentus – Napoli (22:00)**
- Fenerbahçe – Göztepe (22:00)
- **Roma – Milan (00:45)**

**26-njy ýanwar (duşenbe)**

- **Al-Nassr – Al-Taawun (22:30)**



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «Arsenal» bilen «Bawariýa» 1/8 finala çykdy

**UEFA Çempionlar Ligasynda 1,5 aýlyk arakesme tamamlanyp, 7-nji duşuşyklar geçirildi. Duşuşyklarda jemi 61 gol hasaba alnyp, golsuz geçen oýun bolmady. 2 oýun deňlikde tamamlanyp, 6 duşuşykda myhmanlar, 10 duşuşykda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy. Iňlis klublarynyň «Mançester Sitiden» galany, ýagny 5-si ýeňiş gazandy. Ispan toparlarynyň 3-si garşydaşlaryndan üstün çykdy. Italýan klublaryndan diňe «Ýuwentus», nemes toparlaryndan bolsa «Bawariýa» tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. Fransuz klublary üçin bu tapgyr şowsuz geçip, olaryň 3-si hem ýeňlişe sezewar boldular. 2 klub («Arsenal», «Bawariýa») sanawy ilkinji 8-likde tamamlamaga hukuk gazandy. Liga tapgyryny jemleýän 8-nji duşuşyklar geljek hepdäniň çarşenbe güni, 28-nji ýanwarda geçiriler.**

### «Arsenal» 7-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazandy

Tapgyryň merkezi oýnunda «Arsenal» Milan şäherinde «Interiň» myhmany boldy.



Çekeleşikli geçen oýunda «Arsenal» 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Londonlylara ýeňiş getiren gollaryň 2-sini Gabriel Žesus, beýlekisini Wiktor Gýokereş derweze girizdi. «Interiň» ýeke-täk goluny 18-nji minutda Suçiç geçirdi. Şunlukda, «Arsenal» 7-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanyp, 1/8 finala adyny ýazdyran ilkinji topar boldy. «Arsenal» 7 oýunda 20 gol geçirip, bary-ýogy 2 gol geçirtdi. «Arsenal» topary UÇL-de ilkinji gezek yzly-yzyna 7 duşuşykda ýeňiş gazandy.

### «Bawariýanyň» 250-nji ýeňşi

«Arsenaldan» soň ýaryşy ilkinji 8-likde tamamlajak 2-nji topar «Bawariýa» boldy. Şu wagta çenli diňe «Arsenaldan» asgyn gelen münhenliler öz meýdançasynda «Ýunion Sent-Žilluaz» toparyny Harri Keýniň 3 minutda dubl etmeginde 2–0 hasabynda utdy (52, 55 p). Keýn duşuşykda het-trik hem edip bilerdi.



Angliýaly hüjümçiniň 81-nji minutda ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusy derwezäniň golaýyndan sowa geçdi. Oýnuň 64-nji minutynda «Bawariýadan» Kim Min Çže gyzyl kart aldy. Bu ýeňiş «Bawariýanyň» şu ýaryşdaky 250-nji ýeňşi bolup, olar «Real Madridden» soň muny başaran 2-nji topar boldy.

### Lewandowski ilki derwezäni ýalňyşdy, soňra düzeltdi

Pragada ýerli «Slawiýa» bilen geçen möwsümiň ýarym finalçysy «Barselona» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ispan topary



4–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň 10-njy minutynda ýer eýelerinden Kuseý hasaby açsa-da, Fermin Lopes 34-nji we 42-nji minutlarda tapawutlanyp, «Barselonany» öňe çykardy. Ýöne 1-nji ýarymyň soňky minutlarynda «Barselonanyň» ýyldyz hüjümçisi Robert Lewandowski ýalňyş derwezeden gol geçirip, hasaby deňledi. 2-nji ýarymda has erjel oýun görkezen tarap «Barselona» bolup, 63-nji minutda Dani Olmonyň uzak aralykdan geçiren goly bilen ýene bir gezek öňe saýlandy. Duşuşygyň 71-nji minutynda bolsa Lewandowski şol ýalňyşynyň öwezini bu gezek topy geçirmeli derwezesinden girizip, oýna soňky nokady goýdy. UEFA-nyň ýaryşlaryndaky 114-nji goluny salan Lewandowski 2 dürli toparyň köýnekçesi bilen Çempionlar Ligasynda 20 gol geçiren 4-nji futbolçy boldy (Ronaldo, Neýmar, Keýn).



### «Real Madrid» 6 gol geçirdi

6-njy duşuşygynda öz meýdançasynda «Mançester Sitiden» asgyn gelen «Real Madrid» «Bernabeu» stadionynda «Monakony» derbi-dagyn etdi. 6-1 hasabynda üstün çykan «Realyň» gollarynyň 2-sini 5-nji we 26-njy minutlarda Kilian Mbappe öňki toparynyň derwezesinden girizdi. Beýleki gollary-da Mastantuono (51), Keller (55, ö.d.), Winisius Junior (63) hem-de Bellingam (80) öz atlaryna ýazdyrdylar.

### «Mançester Sitini» ýeňen «Bude-Glimtiň» ýaryşdaky ilkinji ýeňşi

Ilkinji gezek wekilçilik edýän «Bude-Glimt» topary öz meýdançasynda 2023-nji ýylyň çempiony «Mançester Siti» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda myhmanlaryň



goragdaky ýalňyşlyklaryndan ýerlikli peýdalanan «Bude-Glimt» topary 3–1 hasabynda üstün çykyp, Çempionlar Ligasynyň taryhyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. Ýer eýeleri 1-nji ýarymda 2 minutda Kasper Högüň gollary bilen 2-0 hasabynda öňe saýlandy. 58-nji minutda Ýens-Peter Heuge aratapawudy 3 gola çykardy. Şerkiniň 60-njy minutdaky goly iňlis klubyny üçin ýeňşe ýetmedi. 61–62-nji minutlarda, has takygy, 53 sekundyň dowamynda 2 sary kart alan Rodri meýdançadan çykaryldy. «Mançester Siti» «Bude-Glimt» toparynyň ýeňen ilkinji iňlis kluby boldy.

Soňky çempion PSŽ myhmançylykda «Sportingden» 2–1 hasabynda ýeňildi. Gollaryň 3-si hem soňky 16 minutda derwezä girizilip, 74-nji minutda Luis Suares ýer eýelerini öňe saýlady. Bu gola 5 minutdan soň Kwarasheliýa ajaýyp gol bilen jogap berse-de, Luis Suares



90-njy minutda ýene bir gezek toparyny öňe geçirdi.

Italiýanyň «Ýuwentus» topary öz meýdançasynda «Benfikany» Markus Turamyň hem-de MakKenniniň 2-nji ýarymda geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Başga bir italýan kluby «Atalanta» öz meýdançasynda «Atletik Bilbaodan» 3–2 hasabynda asgyn geldi.

Italiýanyň çempiony «Napoli» üçin Çempionlar Ligasynda şu möwsüm şowsuz dowam edýär. Myhmançylykda «Kopengagen» bilen duşuşan italýanlar 39-njy minutda ýyldyz oýunçysy MakTomineýiň goly bilen öňe geçse-de, 35-nji minutda bir oýunçy kem galan ýer eýeleri Jordan Larssonyň 72-nji minutdaky goly esasynda hasaby deňledi.

«Liwerpul» myhmançylykda «Marseliň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollary Soboslai, Rulli (ö.d.) hem-de Gakpo öz atlaryna ýazdyrdylar. Şol hasap bilen başga bir iňlis topary «Nýukasl» hem ýeňiş gazanyp, olar öz meýdançasynda PSW-ni 3–0 hasabynda utdular. Duşuşykda «Nýukaslyň» gollaryny Wissa, Gordon hem-de Barns derweze girizdi.

Londonda «Tottenham» topary Dortmundyň «Borussiýa» toparyny Romero hem-de Solankeniň gollary esasynda 2–0 hasabynda utdy. Duşuşykda 24-nji minutda dortmundlylardan Daniel Swensson gyzyl kart aldy.

Londonda oýnalan ýene bir duşuşykda «Çelsi» toparyna Kipriň wekili «Pafosy» ýeňmek ýeňil düşmedi. Iň kiçi hasap bilen üstün çykan «Çelsiniň» ýeke-täk goluny 78-nji minutda Kaisedo geçirdi.

Mundan öňki 6 duşuşykda 1 utuk gazanan «Wilýarreal» toparynyň 7-nji oýundan soňam utugy üýtgemedi. Öz meýdançasynda «Aýaksy» kabul eden ispan topary Oluwaseýiniň 49-njy minutdaky goly bilen öňe geçse-de, üstünligini saklamak başartmady. «Aýaks» topary Gluhuň 61-nji, Edwardseniň hem 90-njy minutda geçiren gollary bilen 2-nji ýeňşini gazandy.

Ýaryşa şowly başlap, soňky oýunlary şowsuz geçiren «Garabag» 3-nji ýeňşini gazanyp, indiki tapgyra çykmak üçin uly mümkinçilige eýe boldy. Öz meýdançasynda «Aýntraht» bilen duşuşan bakulylar 3–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Garabag» topary 80-nji minutdan soň 2 gol geçirmegi başardy (Kamilo Duran 4, 80, Mustafazade 90+4 — Uzun 10, Çaibi 78 p).

Türkiýäniň «Galatasaraý» topary öz meýdançasynda «Atletiko Madrid» bilen duşuşdy. Oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanyp, toparlar utuklary paýlaşdylar. Duşuşykdaky 2 goly hem ispan toparynyň oýunçylary geçirdi.

Iň aşaky orunda barýan ýaryşyň debýutanty «Kairat» topary öz meýdançasynda «Klub Brýuggeden» 4–1 hasabynda asgyn geldi. Myhmanlara ýeňiş getiren gollary Stankowiç, Waneken, Wermant hem-de Mehele öz atlaryna ýazdyrdylar.

Gresiýada «Olimpiakos» soňky oýunlaryny şowsuz geçirýän «Baýeri» 1-nji ýarymyň başynda Kostinýanyň, ahyrynda-da Mehdi Tareminiň derwezä girizen gollary esasynda 2–0 hasabynda utdy.

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Arsenal | 7 | 7 | 0 | 0 | 20–2 | 21 |
| 2 | Bawariýa | 7 | 6 | 0 | 1 | 20–7 | 18 |
| 3 | Real Madrid | 7 | 5 | 0 | 2 | 19–8 | 15 |
| 4 | Liwerpul | 7 | 5 | 0 | 2 | 14–8 | 15 |
| 5 | Tottenham | 7 | 4 | 2 | 1 | 15–7 | 14 |
| 6 | PSŽ | 7 | 4 | 1 | 2 | 20–10 | 13 |
| 7 | Nýukasl | 7 | 4 | 1 | 2 | 16–6 | 13 |
| 8 | Çelsi | 7 | 4 | 1 | 2 | 14–8 | 13 |
| 9 | Barselona | 7 | 4 | 1 | 2 | 18–13 | 13 |
| 10 | Sporting | 7 | 4 | 1 | 2 | 14–9 | 13 |
| 11 | Mançester Siti | 7 | 4 | 1 | 2 | 13–9 | 13 |
| 12 | Atletiko Madrid | 7 | 4 | 1 | 2 | 16–13 | 13 |
| 13 | Atalanta | 7 | 4 | 1 | 2 | 10–9 | 13 |
| 14 | Inter | 7 | 4 | 0 | 3 | 13–7 | 12 |
| 15 | Ýuwentus | 7 | 3 | 3 | 1 | 14–10 | 12 |
| 16 | Borussiýa Dortmund | 7 | 3 | 2 | 2 | 19–15 | 11 |
| 17 | Galatasaraý | 7 | 3 | 1 | 3 | 9–9 | 10 |
| 18 | Garabag | 7 | 3 | 1 | 3 | 13–15 | 10 |
| 19 | Marsel | 7 | 3 | 0 | 4 | 11–11 | 9 |
| 20 | Baýer | 7 | 2 | 3 | 2 | 10–14 | 9 |
| 21 | Monako | 7 | 2 | 3 | 2 | 8–14 | 9 |
| 22 | PSW | 7 | 2 | 2 | 3 | 15–14 | 8 |
| 23 | Atletik Bilbao | 7 | 2 | 2 | 3 | 7–11 | 8 |
| 24 | Olimpiakos | 7 | 2 | 2 | 3 | 8–13 | 8 |
| 25 | Napoli | 7 | 2 | 2 | 3 | 7–12 | 8 |
| 26 | Kopengagen | 7 | 2 | 2 | 3 | 11–17 | 8 |
| 27 | Klub Brýugge | 7 | 2 | 1 | 4 | 12–17 | 7 |
| 28 | Bude-Glimt | 7 | 1 | 3 | 3 | 12–14 | 6 |
| 29 | Benfika | 7 | 2 | 0 | 5 | 6–10 | 6 |
| 30 | Pafos | 7 | 1 | 3 | 3 | 4–10 | 6 |
| 31 | Ýunion Sent-Žilluaz | 7 | 2 | 0 | 5 | 7–17 | 6 |
| 32 | Aýaks | 7 | 2 | 0 | 5 | 7–19 | 6 |
| 33 | Aýntraht | 7 | 1 | 1 | 5 | 9–18 | 4 |
| 34 | Slawiýa Praga | 7 | 0 | 3 | 4 | 4–15 | 3 |
| 35 | Wilýarreal | 7 | 0 | 1 | 6 | 5–15 | 1 |
| 36 | Kairat | 7 | 0 | 1 | 6 | 5–19 | 1 |

**KAIRAT—K. BRÝUGGE: 1-4,** /Sadybekow 90+2 – Stankowiç 32, Waneken 38, Wermant 74, Mehele 84/, **BUDE-GLIMT—MAN. SITI: 3-1** /Hög 22, 24, Heuge 58 – Şerki 60/, **KOPENGAGEN—NAPOLI: 1-1** /Larsson 72 – MakTomineý 39/, **INTER—ARSENAL: 1-3** /Suçiç 18 – Gabriel Žesus 10, 31, Gýokereş 84/, **OLIMPIAKOS – BAÝER: 2-0** /Kostinýa 2, Taremi 45+1/, **REAL MADRID – MONAKO: 6-1** /Mbappe 5, 26, Mastantuono 51, Kerer 55 ö.d., Winisius 63, Bellingam 80 –Teze 72/, **SPORTING – PSŽ: 2-1** /Luis Suares 74, 90 – Kwarasheliýa 79/, **TOTTENHAM – BORUSSIÝA D: 2-0** /Romero 14, Solanke 37/, **WILÝARREAL – AÝAKS: 1-2** /Oluwaseýi 49 – Gluh 61, Edwardsen 90/, **GALATASARAÝ – ATLETIKO: 1-1** /Llorente 20 ö.d. – Simeone 4/, **GARABAG – AÝNTRAHT: 3-2** /Duran 4, 80, Mustafazade 90+4 – Uzun 10, Şaibi 78 p/, **ATALANTA – ATLETIK B: 2-3** /Skamakka 16, Krstowiç 88 – Guruzeta 58, Serrano 70, Nawarro 74/, **ÇELSI – PAFOS: 1-0** /Kaisedo 78/, **BAWARIÝA – Ý. SENT-ŽILLUAZ: 2-0** /Keýn 52, 55 p/, **ÝUWENTUS- BENFIKA: 2–0** /Turam 55, MakKenni 64/, **NÝUKASL – PSW: 3-0** /Wissa 8, Gordon 30, Barns 65/, **MARSEL – LIWERPUL: 0–3** /Soboslai 45+1, Rulli 72 ö.d., Gakpo 90+3/**SLAWIÝA P — BARSELONA: 2-4** /Kuseý 10, Lewandowski 44 ö.d. – Fermin Lopes 34, 42, Olmo 63, Lewandowski 71/

## SUNGAT

**Häzirki wagtda kinoteatrlarda görkezilmegi dowam edýän «Haýwanlar şäheri 2» (Zootopia 2) multfilmi «Hollywood»-yň iň köp kassa ýygymyny toplan animasiýasy boldy. Animasiýanyň şu wagta çenli prokatdan ýygnany 1 milliard 706 million amerikan dollaryndan geçdi.**

# Ýewropada ýylyň iň gowy filmi saýlandy

Ýewropanyň Oskary hasaplanýan Ýewropa film akademiýasynyň baýraklary gowşuryldy. Germaniýanyň paýtagty Berlinde geçirilen 38-nji baýrak gowşurylyş dabarasynda «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) filmi öňe saýlandy.



Norwegiýaly režissýor Ýoahim Trieriň surata düşüren bu ekran eseri 6 ugurdan ýeňiji diýlip yglan edildi. Iň gowy film saýlanan kinony ekranlaşdyran Ýoahim Trier iň gowy režissýor baýragyna laýyk görüldi. Filmde baş keşpleri janlandyran ussat artist Stellan Skarsgard iň gowy aktýor, Renate Reinswe bolsa iň gowy aktrisa diýlip saýlandy. Filmiň edebi esasyny ýazan Ýoahim Trier bilen Eskil Wogt iň gowy ssenariý baýragy bilen sylaglandy.

Şeýle-de, filmde ýaňlanýan sazlary döreden Hania Rani iň gowy saz baýragyna mynasyp boldy.

Ispaniýanyň we Fransiýanyň bilelikdäki önümi bolan «Sirat» (Sirat) filmi 9 ugurdan dalaşgär görkezilipdi. Oliwer Laşeniň surata düşüren filmi iň gowy kasting, operator,



montaž, önümçilik bezegi, ses bezegi ýaly ugurlarda Ýewropa film akademiýasynyň heýkeljiklerine laýyk görüldi.

Fransiýaly Ugo Bienwenunyň surata düşüren «Arko» (Arco) atly multfilmi iň gowy animasiýa baýragyny eýeledi. Germaniýaly zenan režissýor Maşa Şilinskiniň «Ýykylyşyň sesi» (In die Sonne schauen) atly filmi iň gowy grim, şeýle-de, gresiýaly Ýorgos Lantimosyň ekranlaşdyran «Bugoniýa» (Bugonia) filmi-de iň gowy makiýaž we saç bezegi baýraklaryna mynasyp boldy. Horwatiýaly režissýor Igor Bezinowiç tarapyndan surata düşürilen «Fiume o morte!» atly ekran eseri iň gowy dokumental film baýragyna laýyk görüldi.

Norwegiýaly meşhur aktrisa Liw Ullmanna Ýewropa film akademiýasynyň Ömürboýy üstünlik baýragy, şol sanda italiýaly režissýor hem ssenariçi Aliçe Rorwakere Dünýä kinosyna Ýewropa goşandy baýragy gowşuryldy.

**Esasy baýraklaryň ýeňijileri**

**Iň gowy film:** «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) – Norwegiýa

**Iň gowy režissýor:** Ýoahim Trier – «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)

**Iň gowy aktýor:** Stellan Skarsgard – «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)

**Iň gowy aktrisa:** Renate Reinswe – «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi)

**Iň gowy ssenariý:** «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) – Ýoahim Trier, Eskil Wogt

**Iň gowy saz:** «Duýguçyllygyň gymmaty» (Affeksjonsverdi) – Haniýa Rani

**Iň gowy animasiýa:** «Arko» (Arco) – Fransiýa

**Iň gowy operator:** «Sirat» (Sirat) – Mauro Herse

## 31-nji Lumiere baýraklarynyň ýeňijileri

**Kino sungatyny esaslandyryjy hasaplanýan Doganlar Lumierleriň adyny göterýän Lumiere baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi.**

Parižde geçirilen 31-nji baýrak gowşurylyş dabarasynda iň gowy film baýragyna Fransua Ozonyň «Keseki» (L'Etranger) atly filmi laýyk görüldi. Albert Kamunyň adybir belli eseri esasynda ekranlaşdyrylan filmde baş keşbi janlandyrýan Benžamin Woisin iň gowy aktýor diýlip saýlandy. Film iň gowy operator baýragyna hem mynasyp boldy.



Amerikaly režissýor Riçard Linkleýter «Täze akym» (Nouvelle Vague) filmi üçin iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandy.

«137-nji iş» (Dossier 137) filminde baş keşbi ýerine ýetiren Lea Druker iň gowy aktrisa baýragyna laýyk görüldi.

«Arko» multfilminiň iň gowy animasiýa diýlip saýlanan dabarasynda Paulin Lok «Nino» atly ekran eseri üçin iň gowy ilkinji film baýragy bilen sylaglandy.

Brazil filmi «Syrly jansyz» iň gowy halkara film baýragynyň ýeňijisi diýlip yglan edildi.

## Iň köp girdeji gazandyran artist

«Awatar: ot we kül» filminiň kassa ýygymyny toplaýan şu günlerinde ähli döwürleriň iň köp girdeji toplan artisti hem üýtgedi. «Awatar» filmleriniň ýyldyzy, tanymal aktrisa Zou Saldanýa kärdeşi, meşhur aktrisa Skarlett Ýohanssondan öňe geçip, filmleri iň köp girdeji gazanan artist boldy. Zou Saldanýanyň surata düşen filmleriniň kassa ýygymlary şu wagta çenli 16,8 milliard amerikan dollaryndan geçdi (günsaýyn üýtgeýär).

Sanawda 2-nji orna düşen Skarlett Ýohanssonyň surata düşen kinolary 16 milliard 435 million 483 müň amerikan dollary möçberinde kassa ýygymyny toplady. Samuel L. Jekson, Robert Dawni Junior hem-de Kris Pratt ýaly «Marvel»-iň filmleriniň beýleki ýyldyzlary-da 3-4-5-nji ýerleri eýeleýärler.

2000-nji ýyllaryň başlarynda kino sungatyna aralaşan «Hollywood»-yň asly dominikanly aktrisasy «Karib deňziniň garakçylary», «Awatar» (Neýtiriniň keşbi) we «Galaktikanyň sakçylary» trilogiýalarynda, «Ar alyjylar: tükeniksiz söweş» we «Ar alyjylar: oýnuň soňy», jemi «Marvel»-iň 5 kinosynda (Ga-



moranyň keşbi), «Star Trek»-iň täze 3 rimeýkinde (Nýoya Uhuranyň keşbi) surata düşmek bilen sanawyň çür depesine çykdy.

47 ýaşly aktrisa geçen ýyl «Emiliýa Peres» filmindäki keşbi bilen ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragy ugry boýunça Oskar gazanypdy. Zou Saldanýa 5 filmi 1 milliard amerikan dollaryndan geçen ilkinji artist boldy.



## Kinoteatrlardaky oturgyçlar näme üçin gyzyl reňkli bolýar?

**Dünýäde ynsanlaryň öz wagtlaryny medeniýetli dynç alyşda geçirýän iň esasy ýerleriniň biri-de kinoteatrlardyr. Olarda 130 ýyllyk taryhy bolan, 7-nji sungat hasaplanýan kino sungatynyň täze ekran eserlerine tomaşa edilýär. Esasan hem, irki ýyllarda kinoteatrlara gitmegiň özboluşly manysy bolup, şol ýere barýanlarda ýatdan çykmajak täsirleri peşgeş berýärdi. Soňky ýyllarda «streaming» platformalarynyň giňden ýaýrap başlamagy bilen, film üçin kinoteatra gidip tomaşa etmegiň zerurlygy ýok diýýänleriň sany artýan hem bolsa, kinoteatrlar hemişe şol duýguly, jadyly sungatyň iň esasy mekany bolmagyny dowam edýär.**

**Hemmä mälim bolşy ýaly, dürli sandaky tomaşaçyny sygdyrýan kinoteatrlaryň özüne mahsus oturgyçlary (kresloları) bolýar. Şol oturgyçlar bolsa ähli kinoteatrlarda diýen ýaly gyzyl reňkde bolup, seýrek gök ýa-da gara reňklileri-de duş gelýär. Aslynda, şol oturgyçlaryň reňkiniň gyzyl bolmagy bilen baglanyşykly ýörite düzgünnama ýok. Onuň 2-3 sany ýönekeý sebäbi bar.**

**Ilki bilen, gadymdan gelýän ýörelgä görä, ir döwürlerden bäri opera we teatr jaýlary ýaly ýerlerde gyzyl reňk kaşaňlygyň, aňrybaş durmuşyň, baýlygyň, ajaýyplygyň nyşany hökmünde ulanylypdyr. Gyzyl reňkli mahmal perdeler, owadan bezegler şol ýerlere mahsus zatlar bolupdyr. Ilkinji kinoteatrlar hem şol ýörelgä eýerip, tomaşaçylara özüne mahsus gurşawy hödürlemegi maksat edinip gelýär.**

**Ikinjiden, gyzyl reňkiň tolgundyryjy we hyjuwlandyryjy häsiýeti bolany üçin kino tomaşa edýänlere psihologik täsirini ýetirýär.**

**Üçünjiden bolsa, belki-de iň esasysy, şol oturgyçlar praktiki sebäplerden gyzyl reňkde bolýar. Ýagny «Purkinýe täsiri» diýilýän fenomen ýörelgä görä, ynsan gözi ýagtylygy pes bolan şertlerde ýa-da ýerlerde beýleki reňklere garanyňda, gyzyl reňki saýgarmak ukybyny tiz ýitirýär. Kinoteatrlarda yşyklar öçürilende, gyzyl oturgyçlar has goýy görünýär we tomaşa edýänleriň görüş nokadyndan ýitip gidýän ýaly bolýar. Bu bolsa tomaşaçynyň oturgyçlar sebäpli ünsüniň bölünmeginiň öňüni almak bilen, ähli ünsüniň ekrana, «ak ullakan mata» jemlenmegine ýardam berýär.**

**Gysgaça aýdylanda, gyzyl reňkli oturgyçlar taryhy däp bolmak bilen ajaýyp gurşawy emele getirýär. Şeýle hem gözüň pes ýagtylykdaky uýgunlaşmasynyň saýasynda bar ünsümizi filme bermäge iterýär.**